TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BAGTYÝAR ÇAGALYGYŇ ÝURDY, IŇ SÜÝJI ARZUWLARYŇ, BELENT MAKSATLARYŇ HASYL BOLÝAN GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTAN WATANYMYZDA DURMUŞYMYZYŇ GÜL-GUNÇALARY BOLAN ÇAGALAR DÖWLET TARAPYNDAN AÝRATYN ULY ÜNS-ALADA BILEN GURŞALÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
23-nji awgust, 2024. Belgisi 34/1600



# TÜRKMENISTAN BAGTYÝAR ÇAGALYGYŇ ÝURDY

*19-22-nji awgustda paýtagtymyzda «Kids Ekspo: ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarkasy geçirildi*

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy we «Türkmen Ekspo» hususy kärhanasy tarapyndan bilelikde kaşaň «Garagum» myhmanhanasynyň ýanyndaky açyk meýdançada guralan giň gerimli gözden geçirilişde çagalar üçin harytlar we hyzmatlar pudagynda iş alyp barýan ýurdumyzyň we Russiýanyň, Germaniýanyň, ABŞ-nyň, Kanadanyň, Portugaliýanyň, Italiýanyň, BAE-niň, Türkiýäniň, Singapuryň, Hytaýyň, Bahreýniň, Beýik Britaniýanyň, Gyrgyzystanyň, Gazagystanyň kompaniýalary öz önümlerini görkezdiler.

Foruma gatnaşyjylaryň hatarynda ozaldan gelýän hyzmatdaşymyz – eneligi we çagalygy goramak, ýaş nesliň hemmetaraplaýyn ösmegi, maşgalalaryň maddy-durmuş ýagdaýynyň ýokarlanmagy, bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynyň kämilleşdirilmegi, sagdyn durmuş ýörelgeleriniň wagyz edilmegi babatda şu geçen ýyllarda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän maksatnamalara işjeň gatnaşýan BMG-niň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) hem bar.

Hormatly Prezidentimiz halkara sergi-ýarmarkasyna gatnaşyjylara Gutlagyny iberdi. Onda döwlet Baştutanymyz halkara sergi-ýarmarkasynyň Türkmenistanyň medeni we işewürlik durmuşynda möhüm waka, onuň diňe bir işewürleriň mümkinçiliklerini görkezmekleri üçin ajaýyp meýdança bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ene-atalar we çagalar üçin özboluşly baýramçylyk çäresine hem öwrüljekdigini nygtady.

Dört günläp dowam eden forumda paýtagtymyzyň ýaşaýjylary we myhmanlary tematiki ugurly dürli görnüşli önümleriň köp sanlysyny özünde jemleýän diwarlyklar bilen tanyşdylar. Täze doglan çagalar üçin harytlaryň uly toplumy – geýimler, gap-gaçlar, bäbejikleri iýmitlendirmek üçin ýokumly iýmit garyndylary, arassaçylyk serişdeleri we beýleki önümler, ilkinji nobatda, ýaş ene-atalarda uly gyzyklanma döretdi.

Halkymyzyň köp çagalylyga, köp çagaly maşgalalara hemişe aýratyn hormat bilen garaýandygyny nazara alyp, sergini guraýjylar pawilýonlaryň bezeginde bu ugra aýratyn üns beripdirler. Ýaýbaňlandyrylan diwarlyklar ýaşajyk raýatlarda uly şatlyk döretdi. Her dürli oýunjakly, stoluň üstünde oýnalýan oýun görnüşli we pikirlenişi ösdürýän okuw gollanmaly diwarlyklaryň öňi aýratyn köp adamly boldy.

Täze okuw ýylynyň öňüsyrasynda mekdep harytlaryny özünde jemleýän pawilýonlar aýratyn gyzyklanma döretdi. Bu ýerde sapaklar üçin ähli zerurlyklary – okuw esbaplaryny we gollanmalary, çagalar üçin niýetlenen mebelleri diňe bir synlap däl, eýsem, amatly bahadan satyn alyp hem bolýar. Däbe görä, tomsuň soňky aýynda ýurdumyzyň ähli künjeginde her ýyl ýaýbaňlandyrylýan mekdep bazarlarynda bolşy ýaly, bu ýerde-de islegiňe görä, mekdep lybaslaryny, aýakgaplary, okuw torbalaryny, ýazuw depderlerini we beýlekileri saýlamaga mümkinçilik bar.

Sergä gatnaşýan döwlet we hususy düzümlere, daşary ýurt kompaniýalaryna öz alyp barýan işleri, önümleri, hödürleýän hyzmatlary bilen giň halk köpçüligini tanyşdyrmaga amatly şertler döredildi. Bu ýerde görkezilýän neşir önümleri, şol sanda şu ýyl doglan gününiň 300 ýyllygy diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, tutuş dünýäde giňden bellenilýän Magtymguly Pyragynyň eserleri gözden geçirilişe gelýänlerde uly gyzyklanma döretdi. Sergide milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň kitaplaryna möhüm orun berlipdir.

Sergi-ýarmarkasyna gatnaşyjylaryň arasynda «Göreldeli», «Iş nokady», «Gujurly», «Netijeli binýat» ýaly ýurdumyzyň belli bilim merkezleri ýörite işlenip taýýarlanylan maksatnama boýunça giň ugurly bilim hyzmatlaryny ilata hödürlediler. Gözden geçirilişiň çäklerinde çagalar harytlary we hyzmatlar pudagyndaky täzeçil önümlerdir tehnologiýalara uly ähmiýet berildi. Bu ugurda ýöriteleşen meşhur kompaniýalaryň täzeçil işläp taýýarlamalarynyň tanyşdyrylyşlary göz öňünde tutuldy. Munuň özi bu ulgamdaky täzelikler bilen tanyşmaga, özara tejribe alyşmaga şert döreder.

Sergä gatnaşanlaryň hatarynda çagalar üçin dürli önümleriň satuwyny amala aşyrmaga ýöriteleşen iri söwda platformalary we internet dükanlary hem bar. Halkara gözden geçirilişiň çäklerinde el işine ussatlaryň taýýarlan önümleriniň ýarmarkasy hem geçirildi. Onda halkymyzyň milli sungatynyň özboluşly aýratynlyklaryny özünde jemleýän sungat eserleri görkezildi.

Sergi-ýarmarka dabaranyň esasy gahrymanlary bolan ýaşajyk raýatlaryň işjeň gatnaşmagy onuň esasy aýratynlygy boldy. Ýurdumyzyň belli modeller öýleriniň täze taýýarlan, owadan çaga lybaslarynyň görkeziliş dabarasy hem hut şolara gönükdirildi. Zehinli dizaýnerlerimiz tarapyndan döredilen her bir lybas özünde däp bolan milli äheňleri we dünýäniň häzirki zaman modasynyň ýörelgelerini sazlaşykly utgaşdyrmak bilen, gaýtalanmajak esere öwrüldi.

Bu ýerde çagalar üçin birnäçe interaktiw zolaklar döredilipdir. Ýaşajyk türkmenistanlylar serginiň işiniň dowam edýän ähli günlerinde tejribeli tälimçileriň ýolbaşçylygynda döredijilik we başga-da birnäçe gyzykly ugurlar bilen meşgullandylar.

«Çagalygyň täsin dünýäsine» gelýän ýaş nesliň wekilleri üçin meşhur ertekileriň, belli multfilmleriň gahrymanlarynyň keşbini döreden animatorlaryň, artistleriň dürli tanyşdyrylyş çäreleri, ýaşajyk zehinleriň ukyp-başarnyklaryny görkezýän şüweleňi, türkmen sportunyň ýyldyzlarynyň sport çykyşlary we olar bilen duşuşyklar guraldy.

Geçirilen çäreler ýurdumyzyň geljegi bolan çagalara diňe bir ýatdan çykmajak täsirleri we şatlykly duýgulary bagyşlamak bilen çäklenmän, eýsem, olary çäksiz alada bilen gurşap alýan, ýaş nesliň sagdyn bedenli, bilimli, hemmetaraplaýyn sazlaşykly kemala gelmegi we terbiýelenmegi üçin ähli şertleri döredýän Watanymyza bolan söýgini hem artdyrdy. Sergi-ýarmarkanyň jemleýji gününde çagalaryň çeken suratlarynyň we elde ýasan oýunjaklarynyň bäsleşikli söwdasy geçirildi.

Umuman, halkara sergi ösüp gelýän ýaş nesle niýetlenen önümleriň köp sanly görnüşleri bilen paýtagtymyzyň ýaşaýjylaryny hem-de myhmanlaryny tanyşdyrmaga mümkinçilik döretdi. Ol ýurdumyzyň döwlet, hususy düzümleriniň daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýmak, çagalar harytlary senagatynda iň täze işläp taýýarlamalary ulanmakda tejribeleri işjeň alyşmak üçin hem amatly meýdançadyr.

«Kids Ekspo: ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarkasynyň çäklerinde göz öňünde tutulan işewürlik duşuşyklary Türkmenistanyň gyzyklanma bildirýän ähli ýurtlar bilen ynanyşmak, özara hormat goýmak ýörelgelerine, ýagty geljek üçin ählumumy tagallalara esaslanýan ynanyşmak gatnaşyklaryna hemişe açykdygyny aýdyň görkezdi.

Serginiň ahyrynda gatnaşyjylara degişli diplomlar gowşuryldy.

Diýarymyzda döredilen sagdyn, abadan durmuş gurşawy çagalaryň beden we ruhy taýdan kämil şahsyýetler hökmünde kemala gelmegine, olaryň ukyp-başarnyklaryny, köptaraply zehinini ýüze çykarmaga şert döredýär. Ak mermerli paýtagtymyzda ilkinji gezek geçirilen «Kids Ekspo» sergi-ýarmarkasy hem çagalar hakyndaky aladalaryň ýene-de bir aýdyň güwäsidir.








## HALK DEMOKRATIÝASYNYŇ KÄMIL NUSGASY – MILLI ÝÖRELGE

Türkmen halky özüniň gaýtalanmajak köp asyrlyk taryhynda milli gymmatlyklaryny hem-de ýörelgelerini kemala getirdi. Halkymyzda dilden dile geçip gelen «Maslahatly biçilen don gysga bolmaz», «Geňeşli ýerde kemlik ýok, geňeşsiz ýerde – deňlik» diýen ýaly dana pähimleriň döredilmeginde hem uly many bar. Ata-babalarymyz il sylagly ýaşulular, jemgyýetiň dürli gatlagynyň wekilleri bilen bilelikde ählihalk ýygnaklaryny geçirip, ýurt ähmiýetli iň wajyp syýasy, durmuş, ykdysady meseleleri ara alyp maslahatlaşypdyrlar. Ilatyň ähli gatlaklarynyň möhüm jemgyýetçilik-syýasy çözgütleriň kabul edilmegine gatnaşmagyny üpjün edip, demokratik ýörelgelere eýerip, halkyň pikirine hormat goýup döwlet ähmiýetli kararlary, çözgütleri kabul edipdirler. Şeýle asylly däplere, ýörelgelere esaslanyp, türkmen halkynyň döwlet gurluşy babatda ýüzýyllyklara uzaýan taryhynda toplan tejribesini hemmetaraplaýyn nazara alyp, 2023-nji ýylyň 21-nji ýanwarynda halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasy – Türkmenistanyň Halk Maslahaty döredildi.



Ata-babalarymyzdan bize miras galan döwletlilik ýörelgeleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe demokratik, hukuk, dünýewi döwletimiziň milli kanunçylygy bilen berkidilýär. Halk häkimiýetliliginiň we demokratiýanyň ähli alamatlarynyň iň naýbaşy usullaryny kanunçylyk arkaly berkarar edýän döwletimizde Türkmenistanyň Halk Maslahaty Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýan «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanunyna laýyklykda hereket edýän halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasydyr. Bu barada Kanunyň 1-nji maddasynda «Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda gazananlaryny has-da berkitmek, ýurdumyzy ösüşiň has ýokary derejelerine çykarmak üçin ählihalk hereketini ýaýbaňlandyrmak, jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady, medeni-ynsanperwer we kanunçylyk-hukuk ulgamlarda täze sepgitlere ýetirmek, iň täze taryhymyzda gazanylan üstünlikleri wagyz etmek maksady bilen Türkmenistanyň Halk Maslahaty döredilýär» diýlip berkidilendir. ■ 3

## Mekdep bazarlary halkymyzyň hyzmatynda

Ylym we bilim ulgamyny toplumlaýyn ösdürmek, ony hil taýdan täze derejä çykarmak hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şonuň üçin hem Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ägirt uly meýilnamalary durmuşa geçirmäge ukyply ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga gönükdirilen işlere, bilim edaralaryny okuw esbaplary, döwrebap okuw-tehniki enjamlary bilen üpjün etmek meselelerine aýratyn ähmiýet berilýär.



Ylym we bilim islendik döwletiň we jemgyýetiň ösmeginiň, şol sanda ýurdumyzyň ykdysady, ylym-bilim kuwwatynyň pugtalandyrylmagynyň esasy hem-de möhüm şertidir. Şonuň üçin hem Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde hormatly Prezidentimiz häzirki täze okuw ýylyna taýýarlyk görülýän döwürde mekdep harytlarynyň söwdasyny guramak boýunça alnyp barylýan işler barada belläp, mekdep bazarlarynyň ýerleşdirilýän ýerleriniň alyjylar üçin amatly bolmalydygyna hem-de olarda harytlaryň bolçulygynyň üpjün edilmegi ugrunda ähli çäreleri görmegiň zerurdygyna ünsi çekýär. ■ 3

### Agaçdan guruljak iň beýik bina

ABŞ-nyň Wiskonsin ştatynyň Miluoki şäherinde, dünýäniň iň beýik agaç binasynyň gurluşygyna başlamak meýilleşdirilýär. Binanyň taslamasynyň «Michael Green Architecture» binagärlik býurosy tarapyndan işlenip düzülendigi habar berildi. ■ 4



### Çaga terbiýesinde üns berilmeli jümleler

Çagalary terbiýelemek çylşyrymly iş bolup, birnäçe çagany terbiýeläp ýetişdirmek ata-eneleriň işini has-da kynlaşdyrýar. Çagalaryň her biriniň häsiýetine laýyklykda gatnaşykda bolmak, doganlaryň agzybirligini gazanmak maşgala agzalary üçin wajypdyr. ■ 5



### 21 film baş baýraga dalaşgär görkezildi

Dünýäniň iň gadymy film festiwaly hasaplanýan Wenesiýa kino şüweleňi 28-nji awgust – 7-nji sentýabr aralygynda geçiriler. Baş baýraga 21 film dalaşgär görkezildi. ■ 6



### 3-nji aýlawa badalga berildi

Futbol boýunça Türkmenistanyň Milli çempionatynyň 3-nji aýlawyna badalga berildi. «Ahal» – «Aşgabat» duşuşygy bilen başlanan 3-nji aýlawda, has takygy, 19-njy tapgyrda geçirilen 3 duşuşykda 11 gol geçirildi. ■ 7






## Dünýä bazaryna çykarar

«Apple» kompaniýasy Hindistanda öndürilen «iPhone Pro» we «Pro Max» modellerini dünýä bazaryna hödürlemegi meýilleşdirýär. Mundan ozal Hindistanda öndürilýän «Apple» enjamlary diňe şu ýurtda satylýardy. Amerikan kompaniýasynyň enjamlaryny Taýwanyň «Foxconn Technology Group» kompaniýasy öndürýär. «Foxconn» täze enjamlaryň geljek aý tanyşdyrylmagyndan birnäçe hepdeden soňra Hindistanda dünýä bazaryna niýetlenen enjamlaryň önümçiligine girişer.

«iPhone 16 Pro» we «Pro Max» smartfonlary Hindistanyň Tamil Nadu ştatyndaky önümçilik desgasynda öndüriler. Mundan ozal «Apple»-iň diňe käbir enjamlary bu ýurtda öndürilýärdi. Hindistanda halkara kompaniýalara berilýän maliýe goldaw ähli enjamlaryň bu ýurtdaky zawodynda öndürilmegine mümkinçilik berdi.



## Maýkl Jeksonyň rekordyny täzeledi

Geçen ýyl «Time» žurnaly tarapyndan «Ýylyň adamy» saýlanan hem-de soňky wagtlarda dünýä ýurtlarynda berýän konsertleri bilen tanalýan Teýlor Swift pop aýdymynyň şasy Maýkl Jeksona degişli rekordy täzeledi. Golaýda ýaş aýdymçynyň Londondaky «Wembley» stadionyndaky konsertine tomaşa etmäge 92 müň adam ýygnandy. Swift tomsuň başyndan bäri bu stadionda 8 gezek konsert berdi. Şeýlelikde, ol konsert bermek üçin edýän syýahatynyň çäginde bu ýerde iň köp çykyş eden aýdymçy boldy. Mundan ozal 1988-nji ýylda Maýkl Jekson «Bad» atly konsert turunyň çäginde «Wembley»-de 7 gezek konsert beripdir.

Swift mundan ozal hem birnäçe rekordy täzeläpdi. Aýdymçynyň dünýä ýurtlarynda beren konsertlerinden döredilen «Taylor Swift: The Eras Tour» atly filmi 261,6 million dollar kassa ýygymyny gazanypdy. Şeýlelikde, bu film iň köp girdeji getiren dokumental konsert bolupdy. Maýkl Jeksonyň 2009-njy ýylda prokata çykan «This Is It» atly konsert filmi 181,9 million dollar girdeji alypdy.



## Ýene 13 ýyldan peýda bolar

19-21-nji awgust aralygynda täsin astronomik hadysa bolup geçdi. Aý Ýere has ýakyn, uly we ýagty göründi. Astronomlar mundan soňra şeýle hadysanyň 2037-nji ýylyň ýanwar aýynda boljakdygyny belleýärler. Şeýle hadysany 1979-njy ýylda astrolog Riçard Nolle «Super Aý» diýip atlandyrýar. Şeýle ýagdaý dolan Aýyň Ýere iň ýakyn bolan wagty ýüze çykýar. Bu söz astronomik adalga bolmasa-da, asman giňişligine syn edýän höwesjeňleriň arasynda ulanylýar. Şeýle ýagdaýda Aý adatdakydan 30 göterim uly bolup görünýär.

## Buzluklar çalt ereýär

Soňky ýyllarda howanyň adatdakydan maýyl bolmagy netijesinde buzluklaryň çäginiň kiçelýändigi aýdylýar. Şeýle ýerleriň biri hem Norwegiýanyň Swalbard adasydyr. NASA yssy howanyň adanyň ýüzündäki buzlaryň eremegine sebäp bolandygyny mälim etdi. 23-nji iýulda adada has köp buz eräpdir. Demirgazyk polýusa ýakyn bolan adanyň Ýer ýüzüniň iň çalt gyzýan ýerleriniň biridigi bellenildi. Bu adalar Ýeriň ortaça maýlamagyndan 6 esse çalt gyzýar. Bu ýerde ak aýylar hem ýaşap, baý tebigaty bar.



# YSSY HOWADA SAGLYGYŇY NÄDIP DURNUKLY SAKLAMALY?

Şu günler ýurdumyzyň ähli sebitlerinde yssy howa akymy dowam edýär. Howanyň yssy günlerinde saglygyňy durnukly saklamak esasy wezipe bolup durýar. Howanyň çakdanaşa gyzmagy adam bedeninde dürli näsazlyklaryň ýüze çykmagyna getirýär. Gündiziň jöwzaly yssysynda çagalaryň daşarda oýnamaklaryna ýa-da gezelenç etmeklerine rugsat bermeli



däl. Ýaş çaganyň bedenine gerek bolan D witamini almak üçin her gün irden sagat 09:00-a çenli, agşam sagat 18:00-dan soň 15-20 minut gezelenç etmek ýeterlikdir. Gün şöhlesi uly adamlar üçin hem zerurdyr. Beden üçin gerek bolan Gün şöhlesi kabul edilmese, adamda keýpsizligiň, ukynyň bozulmagynyň we gaharjaňlygyň ýüze çykmagyna getirýär. Ýöne Gün şöhlesiniň dowamly täsiriniň bedene örän uly zyýan ýetirip biljekdigini hem unutmaly däl.

Gün urmadan goranmak üçin ak, açyk reňkli egin-eşikleri, başyňa başgap geýmek ýa-da ýaglyk daňynmak, şeýle-de gözüňe Gün şöhlesinden goraýjy äýnekleri dakynmak we bedendäki suwuň deňagramlylygyny saklamak möhümdir. Howanyň aşa gyzmagy bilen, suwuklygyň der üsti bilen köp mukdarda bölünip çykmagy netijesinde, bedendäki deňagramlylyk bozulyp, bedendäki bar bolan makro we mikro elementleriň, witaminleriň köp mukdarda bölünip çykmagyna we ganyň goýalmagyna getirip bilýär. Munuň özi insult we infarkt keselleriniň ýüze çykmagyna getirip biler. Arassa agyz suwy talabalaýyk içilende bedeniň immun işjeňligi ýokarlanyp, howa şertleriniň üýtgäp durmagy zerarly ýüze çykýan näsazlyklardan goraýar. Bedendäki suw deňagramlylygyny saklamak üçin mineral suwlary ýa-da arassa agyz suwuny her gün 2,5-3 litre golaý içmeli. Şeýle howa şertlerinde başga-da peýdaly içgiler bar. Olara miwe önümlerinden taýýarlanan şireler, süýt we süýt önümlerinden taýýarlanan içgiler degişlidir.

**Nurmuhammet NURMUHAMMEDOW,**
*Aşgabat şäherindäki 15-nji Saglyk öýüniň baş lukmanynyň bejeriş işleri boýunça orunbasary.*

# «ÝAŇLAN, DIÝARYM!» TELEBÄSLEŞIGINIŇ MARY WELAÝAT TAPGYRY GEÇIRILDI

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly döredijilik bäsleşiginiň çäklerinde geçirilýän «Ýaňlan, Diýarym!» telebäsleşiginiň Mary welaýat tapgyry




«Türkmeniň ak öýi» binasynyň öňündäki giň toý meýdançasynda uly dabara bilen geçirildi. Bäsleşige deslapky tapgyrlarda ýeňiş gazanyp, öňe saýlanan ýaş höwesjeň aýdymçylaryň 10-sy gatnaşdy. Ýaş aýdymçylara ýürek joşgunyny we ukyp-başarnygyny doly açyp görkezmäge ähli şertlerdir mümkinçilikler döredilipdir. Şirin aýdymlaryň owazyna beslenen telebäsleşik hakyky sungat baýramçylygyna öwrüldi.

Ýaş zehinleriň sahnada özüni alyp barşyna, egin-eşigine, aýdymlaryň sözüni dogry ýerine ýetirişine eminler topary tarapyndan mynasyp baha berildi.

Bäsleşikde ýaş zehinli aýdymçylaryň ikisi – Sakarçäge etrabyndan Ýusup Orazgylyjow hem-de Mary şäherinden Mähri Hojakowa ýeňijiler hökmünde yglan edildi. Olar telebäsleşigiň döwlet derejesinde geçiriljek tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazandylar.

# DÜNÝÄNIŇ IŇ ULY ÝAŞLY YNSANY

Dünýäniň iň uly ýaşly ynsany hasaplanýan Mariýa Branýas Morera 117 ýaşynda aradan çykdy. Ömrüniň ahyryna çenli Ispaniýada ýaşan Morera 1907-nji ýylyň 4-nji martynda ABŞ-nyň San-Fransisko şäherinde dünýä inipdir. Moreranyň maşgalasy X akkaundynda: «Mariýa Branýas aramyzdan gitdi. Ol isleýşi ýaly: ukudaka, rahat ýagdaýda we gynanman gitdi» diýip ýazdy.

Geçen ýyl fransiýaly zenan Lýusil Randon aradan çykandan soňra, 100 ýaşdan ulularyň maglumatlaryny tassyklaýan Gerontologiýa barlag topary Moreranyň dünýäniň iň uly ýaşly ynsanydygyny mälim edipdi. Morera şu ýylyň martynda 117 ýaşapdy.

Şeýlelikde, häzire çenli toparyň sanawynyň ikinji ýerinde duran ýaponiýaly zenan, 116 ýaşly Tomiko Ituka dünýäniň iň uly ýaşly ynsany boldy.

Morera 23 ýyldan bäri ýurduň Olot şäherinde garrylar öýünde ýaşaýardy. Ol mundan ozal uzak ýaşamagyň syry barada soralanda, «tertip, asudalyk, maşgala we dostlar bilen gowy gatnaşyk, tebigata garylmak, duýgy taýdan kadalylyk, aladasyzlyk, puşman etmezlik we has köp oňyn pikirlenmek» diýip belläpdi.

116 ýaşly Ituka Ýaponiýanyň Aşiýa şäherinde ýaşaýar. Ol 1908-nji ýylyň 23-nji maýynda Osakada dünýä inipdir. Üç doganyň ulusy bolan Ituka 20 ýaşlaryndaka durmuş gurupdyr. Onuň iki ogly, iki gyzy dünýä inipdir. Ömrüniň dowamynda Ituka daga dyrmaşmak bilen hem meşgullanyp, beýikligi 3 müň metre barabar bolan Ontake dagyna iki gezek çykypdyr. Ol 100 ýaşynda wagty basgançaga hasasyz çykyp bilýän eken. Emma







2019-njy ýylda garrylar öýünde ýaşap başlanyndan bäri, özbaşdak ýöräp bilmeýär. Ituka geçen ýylyň dekabryndan bäri Ýaponiýanyň iň uly ýaşly ynsany adyny göterýär.

**Hojaahmet MEREDOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Ahal welaýaty boýunça müdirliginiň Sarahs etrabynyň harby gullukçysy, leýtenant.*

# MARSYŇ ÇUŇLUKLARYNDA SUW TAPYLDY

Astronomlar Marsyň daşly daşky gatlagynyň çuňluklarynda suw goruny anykladylar. Açyşy etmekde 2018-nji ýylda Gyzyl planeta gondurylan «Insight Lander» enjamyndan peýdalanylypdyr. «Insight Lander»-iň seýsmometr enjamy dört ýyllap planetanyň çuňluklarynda emele gelýän yrgyldylary hasaba aldy. Bu maglumatlar ýertitremeleri we planetanyň nähili hereket edýändigini hem-de suwuk haldaky suwuň seýsmiki signallaryny ýüze çykardy.

Ozalky ýyllarda Marsyň polýar sebitlerinde buz halyndaky suw hem-de atmosferasynda bug bardygy barada deliller tapylypdy. Emma suwuk haldaky suwuň bardygy ilkinji gezek ýüze çykarylýar.

«Insight»-yň bu ylmy işi dört ýyldan soňra – 2022-nji ýylyň dekabr aýynda tamamlandy. Şol wagtyň dowamynda robot enjam 1 müň 319 ýertitremäni hasaba alypdyr. Alymlar bu seýsmiki tolkunlaryň näçe tizlikde hereket edýändigini ölçäp, bu tolkunlaryň geçmek ähtimallygynyň iň ýokary maddasyny anyklady. Ylmy barlaga gatnaşan Kaliforniýa uniwersitetiniň mugallymy, professor Maýkl Manga bu usulyň Ýerde suw we nebit-gaz gözlemek üçin ulanylýan usula meňzeşdigini belleýär. Netijede, Marsyň 10-20 kilometr çuňlugynda suw gorunyň bardygy ýüze çykaryldy.



Alymlar antik döwürlerde Gyzyl planetanyň ýüzünde derýalaryň we kölleriň bolandygyny çaklaýarlar. Planetanyň atmosferasy ýitenden soňra bolsa, suw bugaryp kosmosa garyşypdyr. Professor Manga Ýerdäki suwuň köp böleginiň topragyň astyndadygyna ünsi çekip, Marsda-da şeýle bolmazlygy üçin sebäp ýokdugyny aýdýar.

# ELEKTRIKLI AT ARABALARY

Soňky ýyllarda ösen tehnologiýa nebit ýangyjynyň ýerine batareýa bilen işleýän dürli ulaglary öndürmäge mümkinçilik berýär. Ulaglaryň elektrik energiýasy bilen işlemegi howa goýberilýän tüssäniň öňüni almaga ýardam edýär. Esasan, ulaglaryň elektrik energiýasy bilen işleýän görnüşleri çykarylýan hem bolsa, uçarlar, ýük ulaglary we gurluşyk maşynlarynyň hem elektrik bilen işleýän görnüşleri işlenip taýýarlanýar. Belgiýanyň paýtagty Brýusselde bolsa, syýahatçylaryň gezdirilmegi üçin ulanylýan at arabalary elektrikli edildi. Şeýlelikde, Brýussel syýahatçylary şähere aýlamak üçin tok bilen işleýän at arabalaryny ulanan ilkinji şäher boldy. Şäheriň mejlisi 2022-nji ýylda at arabalarynyň ýerine elektrik energiýaly arabalaryň ýola goýulmagy barada karar kabul edipdir. Golaýda iki araba atlaryň deregine elektrikli motor bilen hereket edip başlapdyr. Bu arabalar Polşada öndürilipdir. Golaýda ýene bir arabanyň hyzmata hödürlenmegine garaşylýar. 1832-nji ýylda at arabasyna elektrikli hereketlendiriji oturdyp, ilkinji elektroulagy ýasan şotland inženeri Robert Andersonyň hormatyna «Anderson» diýip at goýupdyrlar. Döwrebap arabalar bir gezekki zarýady bilen 120 kilometr ýol geçip bilýär.



**Gülzire ÇARYÝEWA,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

# ADALARDA MYHMANHANA GURLAR

Ykdysadyýetini diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegi maksat edinýän Saud Arabystanynda 90 adanyň üstünde kaşaň myhmanhanalar gurlar. Ýurtda 2030-njy ýyla çenli syýahatçylyk pudagyna 500 milliard dollar



maýa goýum goýberilmegi meýilleşdirilýär. Mundan ozal ýurtda uzynlygy 170 kilometre barabar «The Line» atly taslama mälim edilipdi. Bu taslamanyň çäklerinde «akylly» şäher infrastrukturasynyň döredilmegi göz öňünde tutulýar. Täze taslama bolsa, «Red Sea Project» (Gyzyl deňiz taslamasy) diýlip atlandyrylýar. Bu taslamada, Gyzyl deňizde kenardan uzakdaky adam aýagy sekmedik adalarda kaşaň myhmanhanalar toplumy gurlar. Syýahatçylyk toplumy ýurduň günbatar kenaryndaky Umluj we El-Wajh şäherleriniň arasynda ýerleşip, 28 müň inedördül kilometr meýdany tutar. Häzirki wagtda bu adalar çölden, dagdan we sönen wulkandan emele gelipdir.

Adalaryň köpüsiniň 75 göterim ýerinde hiç hili gurluşyk işleri geçirilmän, tebigaty üýtgedilmez. «Ritz-Carlton» ýaly lýuks myhmanhanalaryň hem bu ýerde şahamçasyny açyp biljekdigi bellenilýär. Iri taslamanyň çäklerinde myhmanhanalar bilen bir hatarda dynç alyş obalary, willalar we beýlekiler bolar. Şu ýylyň ahyryna çenli taslamanyň birinji tapgyry durmuşa geçirilip, 5 adada jemi 3 müň otagy bolan 16 myhmanhananyň gurluşygy tamamlanar. Şeýle hem sebitde dünýäniň iri şäherlerine gatnawlary ýola goýmak üçin Halkara howa menzili hem gurlar.

## Iri energiýa taslamasy durmuşa geçiriler

Awstraliýa ägirt uly taslamany durmuşa geçirer. Bu ýurtda guruljak Gün bekedi arkaly öndüriljek elektrik energiýasy Singapura iberiler. Umumy bahasy 19 milliard dollarlyk taslamanyň çäklerinde 30 müň gektar meýdanda Gün panelleri oturdylar. Ýurduň daşky gurşawynyň üýtgemegi sebäpli, Energiýa we suw ministrligi Awstraliýa-Aziýa «PowerLink» atly taslama rugsat berlendigini mälim etdi. Bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi bilen ýurduň gaýtadan dikeldilýän elektrik energiýa önümçiliginiň artmagyna garaşylýar. Ministrlik dünýäniň iň uly Gün elektrik bekediniň guruljakdygyny mälim etdi. Bu ýerde öndürilen elektrik geçirijisi Indoneziýanyň kenarýakasyndan geçip, Singapura baryp ýeter. Geçirijiniň 4 müň 300 kilometrlik bölegi Indoneziýanyň kenaryndan, deňziň aşagyndan geçer.



Taslamany işläp taýýarlan «Sun Cabledan» kompaniýasy 2030-njy ýylda önümçilige başlanjakdygyny habar berdi.

**Ýazgeldi TÄÇMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Ilaty has çalt artýan ýurtlar

Häzirki wagtda dünýäniň senagat taýdan ösen ýurtlarynyň köpüsinde ilat sanynyň azalýandygy bellenilýär. Şeýle-de bolsa, köp ýurtda ilatyň sanynyň köpelmegi dowam edýär. Maglumatlara görä, ilaty has köp artýan ýurtlaryň sanawynda Günorta Sudan birinji orny eýeleýär. Ýurtda ilatyň artyş tizligi ortaça 4,65 göterim. Ikinji orundaky Nigeriň ilaty bolsa, her ýylda ortaça 3,66 göterim köpelýär. Üçünji orundaky Angolanyň ilaty hem ýylda 3,33 göterim artypdyr. Bu görkeziji Beninde 3,29 göterim, Ekwator Gwineýasynda 3,23 göterim, Ugandada 3,18 göterim, Kongo Demokratik Respublikasynda 3,11 göterim, Çadda 3,01 göterim, Malide 2,9 göterim we Zambiýada 2,83 göterim bolupdyr.



Sanawdan görnüşi ýaly, ilkinji onluga diňe Afrika ýurtlary giripdir. Afrikanyň ilaty yzygiderli artyp, geçen asyryň başyndan bäri on esse köpelipdir.

Maglumatlara görä, dünýä ilatynyň 2080-nji ýylda iň ýokary derejä ýetmegine garaşylýar.

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 23-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114623
Belgisi: 34/1600
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# GARAŞSYZLYK – HALKYMYZYŇ BUÝSANJY

**Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň, mähriban halkymyzyň ykbalynda möhüm ähmiýeti bolan, uludan toýlanylýan mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramy bosagada dur. Garaşsyzlyk halkymyzyň milli buýsanjydyr. Berkarar döwletimiziň mizemezliginiň, il-günümiziň agzybirliginiň we abadançylygynyň binýadydyr.**

**Garaşsyzlygymyzyň 33 ýylynyň dowamynda geçilen ýola nazar aýlap, ýurdumyz üçin garaşsyz ösüşiň näderejede**



**netijeli, gymmatly, ýeňişli bolandygyna taryhy nukdaýnazardan baha bermek bolýar. Garaşsyzlyk döwrüniň başlanmagy bilen, düýpli özgertmeleriň, ägirt uly täzelenişiň döwri başlandy. Eziz Watanymyzyň garaşsyz ösüşiniň binýadyna ýurdy düýpgöter täzelemeklige gönükdirilen, ylmy esasda oýlanyşykly, toplumlaýyn çemeleşmeler goýuldy. Ylmyň we tehnikanyň öňdebaryjy gazananlaryna, dünýäniň iň gowy tejribesine daýanyp ykdysady we durmuş-medeni ösüş göz öňünde tutuldy. Türkmen halkynyň egsilmez ruhy güýjüne, özboluşly taryhy-medeni mirasyna esaslanýan döwlet syýasaty geljekki ösüş ýoluny üpjün etdi.**

**Ýurdumyzda uly ruhubelentlik bilen bellenilýän baýramlaryň naýbaşysy bolan mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk toýuna halkymyz zähmet üstünlikleri bilen barýar. Ähli pudaklarda uly ösüşler gazanylýar.**

**Gazanylan üstünlikler barada söz açylanda hormatly Prezidentimiziň ähli ugurlar bilen bir hatarda, bilim ulgamyny sazlaşykly ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini aýratyn bellemek gerek. Munuň özi ýurdumyzyň okgunly ösüşini üpjün edýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda ähli amatlyklary bolan bilim ojaklary, häzirki zaman orta we ýokary okuw mekdepleri, çagalar baglary, sport mekdepleri gurlup ulanmaga berildi.**

**Häzirki wagtda ýurdumyzda bilimiň hilini dünýä derejesine laýyk ýola goýmak, bilimli, terbiýeli, zehinli, ruhy hem-de beden taýdan sagdyn ýaşlary ösdürip ýetişdirmek üçin ençeme işler alnyp barylýar. Bilim ulgamynyň binýadyny berkitmek, ýokary tehnologiýalara, düýpli nazary ylymlara esaslanýan sanly ykdysadyýeti döretmek boýunça alnyp barylýan işler öz oňyn netijesini berýär.**

**Şeýle-de, sanly bilim tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy bilen elektron okuw kitaplary, okuw gollanmalary, wideo-audiomateriallar, okuw-görkezme esbaplary taýýarlanylýar. Bu bolsa sanly bilimiň biziň ýurdumyzda günsaýyn ösýändiginiň, özgerýändiginiň, dünýä ülňülerine laýyk derejä ýetirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.**

**Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramy ýurdumyzyň ykdysady, syýasy, medeni we beýleki ugurlarda ýeten belent sepgitlerini bütin aýdyňlygy bilen açyp görkezýän şanly senedir. Baş baýramymyz mynasybetli geçirilýän çäreler we guwandyryjy wakalar ähli halkymyzyň ýüreginiň diňe Watan diýip urýandygyna şaýatlyk edip, her birimizi çäksiz buýsandyrýar. Ýurdumyzyň halkara derejesindäki abraýyny beýgelden türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaç bolsun.**

**Näzik DÖWRANOWA,**
***Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň kompýuter ulgamlary we torlar kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi.***

# HALK DEMOKRATIÝASYNYŇ KÄMIL NUSGASY – MILLI ÝÖRELGE

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Halka sala salmak, geňeşmek, ilatyň tekliplerini seljermek, şolaryň esasynda oňyn çözgütleri çykarmak ýaly asylly däpleriň kepili bolan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň hukuk ýagdaýlaryny kesgitleýän Konstitusion Kanunyň kadalary aýanlyk, demokratiýa, kanunyň hökmürowanlygy, adalatlylyk, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutmak bilen beýan edilýär. Halk Maslahaty milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny sazlaşdyrmak bilen, döwlet derejesinde bilelikdäki hereketlendiriji güýç hökmünde çykyş edýär. Bu wekilçilikli edaranyň hemaýaty bilen her bir adamyň döredijilikli, halal zähmetiniň döwlet derejesinde goldanylýandygyny, ýokary baha mynasyp bolýandygyny görmek bolýar. Şeýle goldaw bolsa türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň baý durmuş we syýasy tejribesiniň halkymyzyň gurujylyk, döredijilik pähim-paýhasynyň netijesidir. «Döwlet adam üçindir!» diýýän Gahryman Arkadagymyzyň, «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwer ýörelgeden ugur alýan hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy, halkymyzy beýgeltmek ugrunda edýän aladasynyň netijesinde bu gün Türkmenistanyň Halk Maslahaty jemgyýeti dolandyrmagyň iň kämil institutlarynyň birine öwrüldi. Bu bolsa ýurdumyzda halk häkimiýetiniň işine berilýän ýokary bahadyr, milli demokratiýanyň dabaralanmasydyr.

Häzirki döwürde ylma daýanmak, ylmy esasda netijeliligi gazanmak we ýurdumyzyň ýeten sepgitlerden ruhlanyp, milliliklerimize guwanyp ata Watanymyzy has-da ýokary galdyrmak üçin agzybirlikde, bitewülikde hereket etmek barada öňe sürülýän çagyryşlaryň wajyplygyna, onuň ähmiýetine, ildeşlerimiziň her biriniň aýdyň düşünmegi gerek. Halk Maslahatynyň geçirilmegi ýaşulular bilen ýaş nesilleriň arasyndaky baglanyşygy has aýdyň ýüze çykarýar, bu baglanyşyk türkmen halkynyň milli garaýyşlary esasynda döwrebap şertlerde, täzeçe çemeleşmeler arkaly, milli ýörelgelere daýanyp has-da ösdürilýär. Täze taryhy döwürde asylly pent-nesihatlara eýerilýändigini, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli meseleleriň, çözgütleriň gönüden-göni halk bilen maslahatlaşylyp çözülýändigini Halk Maslahatynyň geçirilmeginde hem görmek bolýar. Eziz Diýarymyzda aýratyn işjeňlige eýe bolýan döredijilikli zähmetiň we bazar gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň halkyň hereketlerini, bähbitlerini utgaşdyrmagyň häzirki döwrüň zerurlygy bilen düşündirmek bolar. Ýurdumyz juda çalt özgerýän, ykdysady taýdan durnukly ösýän, taryhy işleriň durmuşa geçirilýän ýurdyna öwrüldi. Munuň



şeýledigini halkymyzyň hal-ýagdaýynyň gowulanmagynda, ilatymyzyň sanynyň artmagynda, bazarlarymyzyň bolçulygynda, çagalarymyzyň döwrebap bilim-terbiýe almagynda, halkymyzyň bagtyýar, eşretli ýaşaýşynda görmek bolýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty jemgyýet bilen döwletiň arasyndaky köpri bolup, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda barha berkidilýän milli döwletlilik ýörelgelerimizi dabaralandyrýar. Adamy jemgyýetiň iň gymmatly baýlygy hökmünde kesgitleýän täze taryhy döwür – bu gün köp düşünjelere, garaýyşlara, hereketlere täze many-mazmun berýär, olara täzeçe röwüş çaýýar. Häzir ýurdumyzda raýatlaryň kanuny bähbitlerini, azatlyklaryny, zähmet çekmäge, eýeçilige, öz pikirini erkin beýan etmäge we goramaga bolan konstitusion hukuklaryny iş ýüzünde durmuşa geçirýän jemgyýetçilik gurluşy kemala gelýär. Jemgyýet ykdysady ösüşi gazanmak bilen, durmuş maksatnamalaryny giňeltmäge gönükdirilen başlangyçlara tarap ugur alýar. Bu günki gün jemgyýetiň wekilleriniň başlangyçlaryna, pikirine hormat goýulýar. 2024-nji ýylyň şygarynyň doglan gününiň 300 ýyllygy halkara derejede giňden dabaralandyrylýan Gündogaryň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden dörän akyldar şahyra bagyşlap ýazan «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly ajaýyp goşgusy bilen baglanyşykly bolmagy aýratyn many-mazmuna eýe. Munuň özi türkmen halkynyň beýik şahyryna, onuň baý edebi mirasyna çuňňur hormat-sarpasynyň aýdyň nyşany bolup durýar. Dana Pyragy:

*Köňüller, ýürekler bir bolup başlar,*
*Tartsa ýygyn, erär topraklar-daşlar,*
*Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,*
*Göteriler ol ykbaly türkmeniň –*

diýip türkmen halkynyň bir supranyň başyna ýygnanmagyny, bir döwlete gulluk etmegini, türkmeniň ykbalynyň göterilmegini arzuwlaýar. Magtymguly Pyragynyň şeýle arzuwlarynyň amala aşan, bir ýere jem bolan, bir döwlete gulluk edýän türkmen halky döwlet Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygyny uly dabara bilen belleniljek günlerinde döwletli maslahat geçirer. Bu üstünliklere dana Pyragynyň wesýetlerine wepaly halkymyzyň agzybirligi, tutanýerliligi, maksada okgunlylygy, zähmetsöýerligi, ata Watanyna, Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize bolan beýik söýgüsi bilen ýetildi. Ýeri gelende bellemeli zatlarymyzyň biri hem «Türkmenistanyň «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medalyny döretmek hakynda», «Magtymguly Pyragynyň medeni mirasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň kabul edilmegi şahyryň doglan gününiň 300 ýyllyk toýunyň dabarasyny has-da beýgeldýär.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşyny ösdürmek babatda taryhy işleriň durmuşa geçirilmeginde, bu ugurda möhüm başlangyçlaryň öňe sürülmeginde işjeň hereket edýär. Bu umumymilli forum döwletiň dolandyryjy, ýerine ýetiriji, kanun çykaryjy düzümleri bilen utgaşykly hereket edip, ähli işlerde halkyň isleg-arzuwlarynyň, teklipleriniň, başlangyçlarynyň giňden şöhlelenmeginde möhüm orny eýeleýär. Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde garaljak meseleler, kabul ediljek çözgütler halkymyzy bir maksada – döwletimiziň gülläp ösmegine, halkymyzyň bagtyýar, abadan ýaşamagyna, dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy gazanmak wezipesini amal etmäge gönükdirer. Türkmenistanyň Halk Maslahaty halkymyzy ösüşiň ak ýoluna atarып, bilelikde we agzybirlikde etmeli işleri kesgitläp, adamlaryň döredijilik ukybynyň artmagyna täze esaslary döredýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işi ýurdumyzda diňe bir milli parlamentiň kanun çykaryjylyk işine däl, eziz Diýarymyzyň durnukly, parahatçylykly ösüşe gönükdirilen içeri we daşary syýasatynyň täsirini has-da ýokarlandyrmaga, döwlet maksatnamalarynyň üstünlikli ýerine ýetirilmegine ýardam bermek bilen, syýasy-jemgyýetçilik ulgamlarynyň tagallalaryny hem belent maksatlaryň daşynda jemleýär. Biziň her birimiz şeýle beýik döwürde ýaşaýandygymyza guwanmaga, buýsanmaga haklydyrys. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň arzuwlan berkarar döwletiniň binýadyny pugtalandyryp, il-halkymyza bagtyýar durmuşy peşgeş beren türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, halk bähbitli alyp barýan işleri rowaç bolsun.

**Nepes ROZYÝEW,**
*Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty, Mejlisiň Ylym, bilim, medeniýet we ýaşlar syýasaty baradaky komitetiniň agzasy.*

# EKINLERE DAŞKY GURŞAWYŇ TÄSIRI

Ösümlikleriň ýaşaýşy üçin daşky gurşawyň belli bir şertleri zerurdyr. Olaryň esaslary ýagtylyk, ýylylyk, suw, toprakdaky iýmit elementleri, howadaky kömürturşy gazy we kisloroddyr.

Ýylylyk akymy tohumyň şinelemegi we gögerip çykmagy, gämikleriň emele gelmegi, ösümlikleriň suwy we iýmit maddalaryny sorup almagy, organiki maddalaryň döremegi, dürli organlaryň emele gelmegi hem-de ösüp boý almagy we olaryň ösüşiniň her bir döwrüniň bolup geçmegi üçin zerurdyr. Şoňa görä-de, howanyň temperaturasy ösümlikleriň ýaşaýşynyň ähli taraplaryna täsir edýär.

Organiki maddanyň sintezi ýa-da fotosintez gök ösümlikleriň ýaşaýşynyň möhüm funksiýasydyr. Fotosintez üçin bolsa bir wagtyň özünde ýagtylyk, ýylylyk, suw we iýmit maddalary zerurdyr. Fotosinteziň manysy ösümlikleriň ýapraklarynyň hloroplastlary tarapyndan siňdirilýän Gün şöhlesiniň energiýasynyň täsiri astynda suwuň dargaýanlygyndan ybaratdyr. Şunlukda, erkin kislorod emele gelip, howa garyşýar, wodorod bolsa kömürturşy gazyň uglerodyna birigip, ony dikeldýär, netijede bolsa uglewodlar, beloklar, kislotalar, witaminler we başgalar ýaly organiki maddalar emele gelýär.

Organiki maddalaryň döremegi bilen bir wagtyň özünde ösümliklerde bolup geçýän gapma-garşylykly prosese «dem alyş» diýilýär. Dem alyş ösümlikleriň toprakdan suw bilen birlikde ergin iýmit maddalaryny hem alyp, olaryň ýapraklara geçirilmegi we beýleki ýaşaýyş prosesleri üçin zerur bolan energiýadan boşadylmagy organiki maddanyň harçlanmagy bilen gabat gelýär. Dem alyş wagtynda ösümlikler ýylylyk bölüp çykarýar.

Oba hojalyk ösümliklerinde fotosintez howanyň temperaturasy 0 derejeden ýokary bolanda başlanýar. Oba hojalyk ekinleriniň köpüsinde fotosintez üçin iň az temperatura 0, +5 dereje bolanda has amatlydyr ýa-da fotosinteziň intensiwligi ýokary derejä ýetendäki optimal temperatura 20 - 30 dereje çäkler aralygy hasaplanýar. Temperaturanyň has-da ýokarlanmagy fotosinteziň intensiwligini üzül-kesel peseldýär, 40-45 dereje bolanda bolsa, ol dolulygyna togtaýar.

Temperatura otrisatel mahalynda-da ösümlikleriň dem alşy bolup biler. Ösümlikleriň köpüsinde onuň aşaky çägi 10 dereje, ösümlikleriň gyşy üstünden geçirýän böleklerinde, meselem, agaçlaryň pyntyklarynda hatda – 20-30 dereje mahalynda-da dem alyş mese-mälim bildirýär.

Oba hojalyk ösümlikleriniň ählisi ýylylyk babatynda esasy iki topara bölünýär: aram guşaklyk ösümlikleri we günorta giňişliginiň ýylylygy söýýän ösümlikleri.

Birinji topara girýän ösümlikler aram klimat şertlerinde taryhy dörän ösümlikler (gorçisa, nohut, bugdaý, arpa, roj, süle, zygyr we başgalar) bolup, olar ýylylygy az talap edýär. Olaryň tohumy temperatura 1-den 5 dereje aralykdaka gögerip çykýar, güllemegi we ýetişmegi üçin bolsa ortaça temperatura 10-12 dereje bolup biler. Munuň ýaly ösümlikler sowuk howa çydamlydyr: olaryň gämikleri 6-10 dereje çenli doňaklygy başdan geçirmäge ukyplydyr. Güýzlük formalary has sowuk howa çydamlydyr. Birinji topara girýän ösümlikleriň köpüsiniň ösüşi demirgazyga ýakynlaşdygyça (uzyn günli ösümlikler) çaltlaşýar.

Günorta giňişligiň şaly, mekgejöwen, noýba, dary, gowaça, garpyz, gawun, hyýar we başgalar ýaly ýylylygy söýýän ösümlikleriň ýylylyga bolan talaby has ýokarydyr. Olaryň tohumynyň gögerip çykmagy üçin temperaturanyň 8-15 dereje, güllemegi üçin 15-20 dereje bolmagy gerek. Bu ösümlikler tropiki ýa-da subt-



ropik klimatly şertlerde emele gelendigi üçin pes temperatura onçakly çydamly däldir. Olaryň diňe käbiri (mekgejöwen, dary) 2-3 derejä çenli gysga wagtlaýyn doňaklyga çydap biler, köpüsi welin, pes temperatura çydam edip bilmeýär. Şol bir wagtyň özünde olar aşa yssa howa çydamlylygy bilen tapawutlanýar.

Günorta giňişlik ösümlikleriniň köpüsi gysga günli ösümliklere degişlidir we demirgazykdan günorta ýakynlaşdygyça olaryň ösüşi çaltlaşýar.

Ýurdumyzda ekilýän oba hojalyk ösümlikleriniň we olaryň sortlarynyň ösüş döwrüniň dowamlylygy hem-de ýylylygy talap edijiligi dürli-dürlüdir. Demirgazykda arpanyň, süläniň, nohudyň we beýleki ekinleriň tiz ýetişegen sortlary ekilýär, şol sortlar ösüş döwrüniň ortaça gije-gündizlik temperaturasynyň jemi 1000 derejä barabar bolan 60-70 günüň içinde ýetişýär. Munuň tersine, gowaçanyň tiz ýetişegen sortlarynyň ösüşi 120-130 günläp dowam edýär, umumy ýylylygy talap edijiligi bolsa 2500-3000 derejä ýetýär, giç ýetişýän sortlarynyň ösüşi üçin bolsa 150-160 gün we jemi 4000 derejä golaý ýylylyk gerek bolýar.

Ösümlikleriň ýaşaýşynda suwuň ähmiýeti örän uludyr we köpdürlüdir. Munuň özi ozaly bilen fotosintez üçin zerurdyr. Ösümlik dokumalarynyň suwdan doýmagy ösümlikleriň kadaly ösmeginiň hökmany şertidir. Ösüşiň ähli hadysalary suw bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Demligip ýatan tohum öz massasyndaky suwuň mukdary 20-25%-e ýetende (gant şugundyrynyň tohumy üçin olaryň massasynyň 120% töweregi) ýaşaýşyň ilkinji alamatlaryny duýup başlaýar. Tohumyň doly çişmegi we şinelemegi üçin yzgar has köp gerek. Şeýle-de bolsa organiki maddanyň emele gelmegi üçin gidýän suwuň möçberi onçakly köp däldir, ol ösümligiň sarp edýän yzgarynyň 1%-den hem az mukdaryny tutýar.

Suw bilen birlikde onda erän azot, fosfor, kaliý, kükürt we beýleki iýmit elementleri toprakdan ösümlige aralaşýar. Ýöne şu möhüm funksiýa üçin hem (kül elementleriniň özleşmegi) suwuň az-owlak, takmynan, sarp edilen mukdarynyň 9%-e barabar bölegi gerek. Suwuň beýleki galan massasy (9/10 bölegi) dokumalaryň sowamagy üçin zerur bolan ýylylyk şertlerini saklar ýaly ösümlikleriň ýüzünden bugaryp gidýär. Bu prosese transpirasiýa, ösümlikleriň hasylyň gury organiki madda birligini döretmek üçin sarp edýän suwunyň mukdaryna bolsa transpirasion koeffisiýent diýilýär. Ol ösümlikler tarapyndan harçlanan suwuň massasynyň hasylyň gury maddasynyň massasyna bolan gatnaşygydyr.

Transpirasion koeffisiýentiniň ululygy dürli ekinlerde birmeňzeş däldir. Dary, jöwen, mekgejöwen gury organiki maddanyň emele gelmegi üçin suwy has tygşytly harçlaýar. Ösümlikleriň şu toparynyň transpirasion koeffisiýentiniň ortaça ululygy 200-300-e barabardyr. Şaly, gowaça, bakja ekinleri, ylaýta-da köpýyllyk otlar suwdan has köp peýdalanýar. Oba hojalyk ösümlikleriniň ösüş döwründe harçlaýan suwunyň umumy mukdary her gektar üçin 2-4 müň tonna barabardyr we ondan hem köpdür.

Köpsanly we dürli görnüşli oba hojalyk ösümlikleriniň arasynda guraklyga has çydamlylygy bilen tapawutlanýan görnüşleri hem-de sortlary bardyr. Bu ukyplylyk ösümlikleriň birentek alamatlary we häsiýetleri bilen baglanyşyklydyr. Olaryň kuwwatly kök ulgamynyň ähmiýeti aýratyn-da uludyr, şonuň ýaly kök ulgamlary topraga has çuň aralaşyp, topragyň yzgaryndan gowy peýdalanyp biler.

Sorgo we dary guraklyga has çydamly ösümliklere degişlidir. Mekgejöwen, nohut, günebakar, gant şugundyry, bakja ekinleri, sary ýorunja, ýabany süle we beýleki ösümlikler bolsa kem-käsleýin çydamlydyr.

Ösümlikler organiki maddany gurmak we ýaşaýşyň ähli funksiýalaryny amala aşyrmak üçin daşky gurşawda özlerine zerur bolan maddalary ýa-da iýmit elementlerini alýarlar.

Ösümliklere haýsy maddalaryň zerurdygyna has aýdyň göz ýetirmek üçin olaryň himiki düzümine garap geçmek gerek. Ozal bellenip geçilişi ýaly, ösümlikleriň ösüşi organlary (ýapraklary, baldaklary, şeýle hem güljagazlary, miweleri we ýaşajyk kökleri) özünde 80-90% suw saklaýar. Gury maddalaryň paýyna ortaça olaryň massasynyň 10-20%-i düşýär. Dürli ösümlikleriň gury maddalarynyň himiki düzümi olaryň ösüşiniň dürli döwürlerinde birmeňzeş däldir. Esasy organiki maddanyň ortaça düzümi şu aşakdaky ýalydyr (gury maddanyň göterimi hasabynda): uglerodyňky 45, kislorodyňky 42, wodorodyňky 6,5 we azodyňky 1,5-dir. Kül elementleriniň paýyna orta hasap bilen 5% düşýär. Külüň düzümine toprakdaky duş gelýän elementleriň ählisi diýen ýaly, hatda iň bir seýrek duş gelýänleri-de girýär, ýöne olaryň ösümlikler üçin zerur bolmadyklary hem bardyr.

Ösümlikler zerur maddalaryň ählisini daşky gurşawdan, howadan we toprakdan alýar. Şoňa görä-de, ösümlikleriň iýmiti howa, toprak ýa-da kök iýmitlerine bölünýär. Iýmit elementleriniň haýsy-da bolsa biriniň toprakda ýetmezçilik etmegi ösümlikleriň ösüşini hem-de boý alşyny üzül-kesil ýaramazlaşdyrýar we olaryň önümliligini peseldýär. Şu sanalan elementleriň haýsy-da bolsa biriniň bolmazlygy ösümlige zeper ýetirip biler. Şoňa görä-de, ösümlikleriň iýmit elementleriniň ählisi zerurdyr we olaryň ornuny hiç zat bilen çalşyryp bolmaz.

**Haýytbaý GYLYJOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy, ykdysady ylymlaryň kandidaty.*

# Mekdep bazarlary halkymyzyň hyzmatynda

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

**Täze okuw ýylyna taýýarlyk görülýän häzirki günlerde ýurdumyzyň ähli künjeginde hereket edýän söwda nokatlarynda mekdep bazarlary işleýär, bu ugurda ýöriteleşdirilen dükanlarda hem mekdep harytlarynyň birnäçe görnüşi alyjylara hödürlenýär. Ak mekdebiň bosagasyndan ilkinji gezek ätlejek körpeleriň ene-atalary, täze okuw ýylyna taýýarlyk görýän okuwçylar we talyp ýaşlar mekdep bazarlaryndan, ýöriteleşdirilen dükanlardan zerur bolan okuw esbaplaryny satyn alýarlar.**

**Indi birnäçe ýyl bäri halkymyza ýokary derejede hyzmat edip gelýän hem-de ýyl-ýyldan öz işini kämilleşdirip, hyzmatlaryň gerimini giňeldýän dükanlaryň biri hem paýtagtymyzda ýerleşýän «Galam» dükanlarydyr. Bu ýöriteleşdirilen dükanlar kanselýariýa harytlary, okuw esbaplary, baýramçylyklar we belli seneler üçin sowgatlyklar satylýan iň uly dükanlaryň biridir. Bu ýerden okuw esbaplarynyň dürli görnüşlerini satyn almak bolýar. Bu ýerdäki okuw esbaplary özüniň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Olaryň arasynda oglanlar we gyzlar üçin ýokary hilli materiallardan öndürilen ýantorbalar, mekdep okuwçylarydyr talyp ýaşlar üçin niýetlenen harytlar, ýurdumyzyň taryhy ýadygärlikleri, paýtagtymyzyň owadan binalarynyň şekilleri bilen bezelen depderler we beýleki okuw esbaplary bar. Dürli okuw derslerine niýetlenip öndürilen depderler, şeýle hem sözlükdir kartalar çagalaryň we ýaşlaryň okuwa bolan höwesini artdyrýar. Şular ýaly okuw esbaplarynyň ählisini bu dükanlardan elýeterli bahadan satyn almaga hemme mümkinçilikler döredilipdir.**




**Söwda ulgamynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegi, döwrebap bazar gurallarynyň giňden ornaşdyrylmagynyň hasabyna hususy ulgamyň eýeleýän ornunyň pugtalandyrylmagy döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan durmuş-ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Telekeçiler hyzmat ediş ulgamynyň we söwdanyň ösdürilmegine maýa goýumlaryny goýýarlar, halkymyza giň gerimli durmuş, mahabat hem-de neşirýat hyzmatlaryny hödürleýärler.**

**Ýurdumyzda bellenilýän Bilimler we talyp ýaşlar gününde birinji synp okuwçylara hormatly Prezidentimiziň adyndan ajaýyp sowgadyň – öwrediji kompýuteriň gowşurylýandygyny bellemek gerek. Hormatly Prezidentimiz 2022-nji ýylyň 19-njy martynda iň ýokary döwlet wezipesine girişmek dabarasynda eden çykyşynda milli bilim ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek, ýokary hünärli, maksada okgunly, giň gözýetimli, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek boýunça ähli tagallalaryň ediljekdigini aýratyn nygtady. Ýurdumyzyň ösüşi, ýaş nesillerimiziň geljegi ugrunda tagalla edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!**

**Baýram ÖWLÝAGULYÝEW,**
***Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty, telekeçi.***

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

**gysga setirlerde**

► **Wezipesinden gitmekçi.** Ýaponiýanyň Premýer-ministri Fumio Kisida möhletinden öň wezipesinden gitmegi meýilleşdirýändigini we Liberal demokratik partiýanyň lideri hökmünde ikinji möhlete dalaş etmejekdigini mälim etdi. Kisida bu kararyny partiýanyň meşhurlygynyň peselmegi sebäpli özgertmeleriň zerurlygy bilen düşündirdi.



► **Uzak aralygy aýakýalaňaç geçdi.** Niderlandly 37 ýaşly Anton Notenbom Kaliforniýadan Nýu-Ýorka çenli aýakýalaňaç 175 günde 3 müň 450 kilometr ýol geçip, rekord goýdy. Öňki rekord Fransiýadan Ispaniýa çenli 3 müň 409 kilometri aýakýalaňaç geçen polşaly Pawel Durakiewiçe degişlidi.



► **Dünýäniň iň ýaş aýdymçysy.** Jalimpa ady bilen çykyş edýän ýaponiýaly 2 ýaşly (2 ýyl 358 gün) Linn Takei aýdym-saz albomyny çykaran dünýäniň iň ýaş aýdymçysy boldy. Ol «Non-sense makes Sense» atly albomyny çykardy. Bu üstünlik hem oňa Ginnesiň rekordlar kitabyna girmäge mümkinçilik berdi.



► **3D-de ýaşaýyş toplumy guruldy.** Tehasda 3D printeri arkaly salnan dünýäniň iň uly ýaşaýyş toplumynyň gurluşyk işleri tamamlandy. Wolf-Ranç şäherçesinde 100 sany jaý çap edildi. Olaryň gurluşygyna 2022-nji ýylyň noýabr aýynda başlandy. Gurluşykda boýy 3,3 metrlik diwarlary çap etmäge ukyply «Vulcan 3D» printeri ulanyldy.



► **Elektroulaglaryň satuwy ýokarlandy.** 2024-nji ýylyň iýul aýynda elektroulaglaryň global satuwy geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 21 göterim ýokarlanyp, 1,4 milliona ýetdi. Bu ugurda Hytaý öňdeligini saklap, ösüş 31 göterime deň. Ýewropada isleg 8 göterime çenli pese gaçdy.



► **Howa menziliniň rekordy.** Dubaýyň Halkara howa menzili 2024-nji ýylyň birinji ýarymynda rekord ýolagçy akymyny hasaba aldy. Ýanwar-iýun aýlarynda aeroport 44,9 million ýolagça hyzmat etdi, bu geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 8 göterim köpdür diýip, «Dubai Airports» kompaniýasynyň metbugat beýanatynda bellenilýär.



► **Gündäki tegmiller.** Soňky 20 ýylda Günüň ýüzünde rekord möçberde tegmiller hasaba alyndy. NASA-nyň Gün dinamikasy obserwatoriýasynyň (SDO) düşüren suratlarynda hünärmenler 337 sany aýry-aýry tegmili ýüze çykardylar. Günde tegmilleriň şeýle möçberi 2001-nji ýylyň mart aýyndan bäri ýüze çykarylmandy.



► **Harytlary dron bilen eltip bermekçi.** Britaniýanyň Raýat awiasiýasy edarasy kompaniýalara, şol sanda «Amazon»-a uçýan enjamlaryň kömegi bilen harytlary eltip bermek hyzmatyny synagdan geçirmäge rugsat berdi. Häzire çenli kompaniýalar dronlary diňe operatoryň görüş çäginde ulanyp bilýärdiler, ýöne indi bu çäklendirme ýatyryldy.



► **«Perseverance» Ýezero kraterine çykar.** NASA-nyň Marsda hereket edýän «Perseverance» enjamy 19-njy awgustda Ýezero krateriniň günbatar tarapyna çykmagy öz içine alýan bäşinji ylmy missiýasyna başlady. Kratere çykmak enjamyň ýolunyň iň howply bölegi hasaplanýar diýip, NASA habar berýär.



► **Ýazgyly tagtajyklaryň syry açyldy.** Barlag geçirijiler gadymy Wawilonyň ýaşy dört müň ýyl bolan ýazgyly tagtajyklarynyň manysyny anykladylar. Görlüp oturylsa, olarda çynlakaý hadysalary öňünden çaklamakda ulanylýan gözükdirmeler bar eken. Bu ýazgylar britan muzeýinde saklanýan dört sany tagtajykda tapyldy.



# Demokratik partiýanyň gurultaýy geçirildi

19-22-nji awgust aralygynda Çikagoda ABŞ-nyň Demokratik partiýasynyň gurultaýy geçirildi. ABŞ-nyň 50 ştatyndan we daşary ýurtlardan gelen wekiller şäheriň «United Center» sport merkezinde ýygnandylar. Gurultaýda birnäçe tanymal wekiller, şol sanda ABŞ-nyň prezidentligine dalaşgär, wise-prezident Kamala Harris hem-de wise-prezidentlige dalaşgär, Minnesota ştatynyň gubernatory Tim Wolz dagy çykyş etdiler.

Adatça, partiýalar gurultaýyň geçirilýän döwründe döwlet Baştutanynyň wezipesine öz dalaşgärini hödürleýärler, ýöne bu gezek Demokratik partiýanyň komiteti awgust aýynyň başynda öňünden onlaýn ses bermek barada karara gelip, onuň netijesinde Harrisiň dalaşgärligi tassyklanypdy.

Ilkibaşda ABŞ-nyň häzirki Prezidenti Jozef Baýden Demokratik partiýadan dalaşgär bolmalydy, ýöne ol iýul aýynda saýlaw bäsleşiginden çykýandygyny yglan etdi we Demokratlardan Harrisiň dalaşgär bolmagyny isledi. Şeýle-de bolsa, Baýden gurultaýda çykyş etdi. Baýden çykyşynyň dowamynda Harrisiň artykmaçlyklary barada durup geçip, onuň öňde boljak saýlawlarda ýeňiş gazanmagyna umyt bildirdi. Baýden wise-prezident Harrisi «Amerikanyň demokratiýasyny goramak üçin iň gowy umyt» diýip atlandyrdy.

Kamala Harrisiň çykyşy gurultaýyň soňky güni boldy. Ol ýeňiş gazanan halatynda orta gatlak üçin amatly jaý gurmak, azyk önümleriniň bahasyny arzanlatmak üçin tagalla etjekdigini aýtdy. Ol birinji möhletiniň ahyryna çenli orta gatlak üçin elýeterli bolan 3 million täze jaý gurmak bilen ýaşaýyş jaý meselesini aradan aýyrmakçydygyny belledi.

Şeýle hem gurultaýyň barşynda ABŞ-nyň öňki Prezidenti Bill Klinton, onuň aýaly, ABŞ-nyň öňki



döwlet sekretary Hillary Klinton we öňki Prezident Barak Obama dagy çykyş etdiler. Gurultaýda prezidentlige dalaşgäriň belli bolandygy üçin, çäräniň esasy wakalary ýokary wezipeli demokratlaryň çykyşlaryndan we partiýa platformasynyň hödürlenmeginden ybarat boldy.

ABŞ-nyň öňki Prezidenti Donald Trampyň we häzirki wise-prezident Kamala Harrisiň arasyndaky teleçekişme 10-njy sentýabrda ABC teleýaýlymynda geçiriler. Respublikan partiýanyň gurultaýy 15-18-nji iýulda geçirildi. ABŞ-da geçiriljek Prezident saýlawlary 5-nji noýabrda meýilleşdirilýär.

# Tailandyň iň ýaş Premýer-ministri

16-njy awgustda Tailandyň Milli assambleýasynyň (parlament) wekiller palatasy tarapyndan «Phya Thai» partiýasynyň lideri Phethongthan Çinawatyň Premýer-ministrlige dalaşgärligi tassyklandy.

Premýer-ministr wezipesine dalaşgär 319 kanun çykaryjy tarapyndan makullandy, 145 wekil garşy çykdy we 27-si saklandy. Ses berişlikden soň Tailandyň Milli assambleýasynyň başlygy Wan Muhamad Nor Matha «Phya Thai» partiýasynyň lideri Çinawatyň 493 kanun çykaryjynyň 319-synyň goldawyna eýe bolandygyny, onuň wezipä bellenmegi üçin zerur bolan sesden has köpüsini gazanandygyny habar berdi.

Senatyň wekillerinden ses bermek talap edilmedi, sebäbi 2017-nji ýylyň Konstitusiýasyna laýyklykda, ýokarky palata bu hukugyny ýitirdi. Çinawatyň partiýasy wekiller palatasyndaky 141 orny eýeleýär, şol bir wagtyň özünde koalisiýanyň iň uly agzalary «Phumchaithai» (70), «Phalang Praçaçat» (40) we «Ruam Thai Çah Çat» (36) onuň dalaşgärligini goldaýandygyny mälim etdiler.

37 ýaşly Phethongthan Çinawat ýurduň taryhynda iň ýaş Premýer-ministr we bu wezipede ikinji zenan boldy. Ol öňki Premýer-ministr we ýurduň iň meşhur syýasatçysy Taksin Çinawatyň (2001-2006) gyzy, şeýle hem başga bir öňki Premýer-ministr Ýinglak Çinawatyň ýegenidir (2011-2014). Şeýlelikde, «Phya Thai» partiýasynyň täze lideri Çinnawatyň maşgalasyndan Premýer-ministr bolan üçünji wekildir. Tailandda täze Premýer-ministriň saýlanmagy,



Patyşalygyň Konstitusiýa kazyýetiniň karary bilen ýerine ýetirildi. Çünki golaýda Premýer-ministr Settha Thawisini wezipesinden çekildi.

Phethongthan Çinawat 1986-njy ýylyň 21-nji awgustynda doguldy. Ol ýurduň Çulalongkorn uniwersitetinde syýasatşynaslygy, sosiologiýany we antropologiýany öwrendi. Şeýle-de, Angliýanyň Surreý uniwersitetinde halkara myhmanhana menejmentligi ugrundan bilim aldy. Çinawatyň iki çagasy bar.

# GARAŞSYZLYK GÜNI BELLENDI

Indoneziýanyň Garaşsyzlyk güni ilkinji gezek ýurduň geljekki paýtagty Borneo adasynda (Kalimantan) gurulýan Nusantara şäherinde geçirildi. 17-nji awgustda geçirilen dabara Prezident Joko Widodo, Ministrler Kabinetiniň agzalary we harby wekiller gatnaşdy. Başlangyç meýilnama görä, baýramçylyk üçin Nusantara 8 müň myhman gelmelidi, ýöne ýaşaýyş jaýlarynyň ýetmezçiligi we dowam edýän gurluşyk işleri sebäpli sanaw 2 müň adama çenli azaldyldy. Bu wakadan öň Prezident Joko Widodo Nusantarada ilkinji hökümet ýygnagyny geçirdi. Ilki Garaşsyzlyk gününde paýtagtyň resmi taýdan göçmegi meýilleşdirilipdi, ýöne gurluşyk işlerinde maýa goýumlarynyň ýetmezçiligi we beýleki meseleler sebäpli yza süýşürildi.

Prezident Joko Widodo 2019-njy ýylda ilatyň artmagy we şäheri suw basmak howpy bilen baglylykda, paýtagty Jakartadan Kalimantan adasyna göçürmek başlangyjyny öňe sürüpdi. 2022-nji ýylda badalga berlen bu başlangyjy durmuşa geçirmek üçin 32 milliard dollar sarp edildi we 2045-nji ýylda gurlup ulanmaga berilmegi göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda taslamanyň bary-ýogy 20 göterimi durmuşa geçirildi.

Nusantaranyň esaslandyrylmagynyň sebäpleriniň biri-de, Jakartanyň topragy barha aşak çökýär. Hünärmenler ýene 25 ýyldan 11 million ilatly Jakartanyň demirgazyk böleginiň suwuň astynda galmak ähtimallygy barada çaklaýarlar. Galyberse-de, Jakartada ilatyň we ulaglaryň



çakdanaşa artýandygy bellenilýär. Şäheriň köp bölegi eýýäm deňiz derejesinden pese düşüp, häli-şindi sil joşgunlaryny başdan geçirýär.

Nusantara paýtagt derejesini bermek baradaky karara oktýabr aýynda işe başlajak täze Prezident gol çeker. Daşky gurşawy goraýjylar şäheriň gurluşygynyň dünýäniň iň uly tropik tokaýly sebitleriniň biriniň jeňňellikleriniň çapylmagyny çaltlandyryp biljekdigini duýdurýarlar. Täze paýtagtyň ady terjime edilende «arhipelag» diýmegi aňladýar.

# MÜSÜRDE GÖKDIRÄN GURLAR

Saud Arabystanynyň «Magnom Properties» kompaniýasynyň golçur senagat topary «Rawabi Holding» 2025-nji ýylyň başynda Müsüriň täze paýtagtynda 55 gatly binanyň gurluşygyna başlamagy meýilleşdirýär. Gökdirän, esasan, suwuklandyrylan arassa wodorod ulanmak arkaly elektrik energiýasy bilen üpjün ediler. Taslamanyň bahasy 1 milliard dollara deň bolup, durnukly ykdysadyýetiň, durmuşyň we önümçiligiň nusgasy bolar. Taslamany durmuşa geçirmek baradaky çarçuwaly karara 2023-nji ýylyň ýanwar aýynda Dawosda geçirilen Bütindünýä ykdysady forumynyň (WEF) 53-nji maslahatynda gol çekildi.

Gökdiräniň sargytçysy «Forbes» media toparydyr. Taslama «Forbes International Tower» diýlip atlandyryldy. Bu «Forbes»-iň ilkinji täjirçilik maksatly diňi bolar. Media topary birnäçe ýyl ozal Kairiň gündogarynda gurlup başlanan Müsüriň täze administratiw paýtagtynda ofisleri kireýine berip, gazanç etmäge bil baglaýar.

Gökdiräniň fasadyna oturdyljak Gün panelleri onuň elektrik energiýasyna bolan zerurlygyny 25 göterim üpjün eder. Elektrik energiýasynyň galan bölegi bina berilýän wodoroddan alnar. Bu «Magnom Properties» üçin täsirli synag bolar. Soňra bu taslama laýyklykda, Dubaýda we Er-Riýadda şuňa meňzeş binalary gurmak meýilleşdirilýär.

Binada iki sany ýokary tizlikli VIP lift we üçekde dikuçar meýdançasy bolar. Howpsuzlyk bolsa, fiziki we kiber hüjümleriniň öňüni alyş ulgamlary bilen üpjün ediler. Gökdirände awtomatlaşdyryş, emeli aň, ofis giňişligini guramaga täzeçe çemeleşme-




ler we beýlekiler babatda iň gowy enjamlar ornaşdyrylar. Deňeşdirmek üçin, bu ýerde 20 töweregi şuňa meňzeş diň Hytaý kompaniýalary tarapyndan gurlup, oňa Müsüriň häkimiýetleri bary-ýogy 3 milliard dollar çykdajy etdi. Binanyň jikme-jik dizaýny Çikagonyň AS + GG binagärlik toparyna we «Gordon Gill Architecture» kompaniýasyna ynanyldy. Desganyň gurluşygyna 2025-nji ýylda başlap, 2030-njy ýylda tamamlamak meýilleşdirilýär.

# Ýewropa Bileleşiginiň ilaty artýar

**Ýewropa Bileleşigine girýän ýurtlaryň ilaty şu ýylyň başynda 449,2 million adama ýetdi, ondan bir ýyl ozal bolsa 447,6 million adamdy. Bu barada Ýewropa Bileleşiginiň statistika gullugy habar berdi.**

**Netijede, COVID-19 pandemiýasy döwründe hasaba alnan pese gaçyşlykdan soňra, Ýewropada ilat sany iki ýyl bäri artýar. 2020-nji ýylda Ýewropa Bileleşiginiň ilaty, takmynan, 0,5 million, 2021-nji ýylda bolsa, 0,3 million azalypdyr.**

**Ilatyň soňky döwürde artmagynyň sebäbi, esasan, göçüp barýanlaryň köpelmegi bilen düşündirilýär. Şeýlelikde, ilatyň tebigy azalmagynyň öwezini migrasiýa dolýar. Statistika laýyklykda, şu ýylyň 1-nji ýanwarynda Germaniýanyň, Fransiýanyň we Italiýanyň ýaşaýjylary Ýewropa Bileleşiginiň umumy ilatynyň ýarysyna golaýyny (47 göterim) emele getirdi.**

**Maglumatlara görä, geçen ýyl Ýewropa Bileleşigine agza ýedi ýurtda ilat azalypdyr. Bu, esasan hem,**



**Polşada (132,8 müň adam), Gresiýada (16,8 müň adam) we Wengriýada (15,1 müň adam) hasaba alnypdyr. Ilatyň sanynyň has köp ýokarlanmagy bolsa, Ispaniýada (525,1 müň adam), Germaniýada (330 müň adam) we Fransiýada (229 müň adam) hasaba alnypdyr.**

# AGAÇDAN GURULJAK IŇ BEÝIK BINA

ABŞ-nyň Wiskonsin ştatynyň Miluoki şäherinde dünýäniň iň beýik agaç binasynyň gurluşygyna başlamak meýilleşdirilýär. Binanyň taslamasynyň «Michael Green Architecture» binagärlik býurosy tarapyndan işlenip düzülendigi habar berildi.

Häzirlikçe binanyň takyk beýikligi belli bolmasa-da, taslamany düzüjiler gökdiräniň 55 gatdan beýik bolmajakdygyny aýdýarlar. Bu desga ozalky iň beýik agaç binadan – Miluokidäki 25 gatly «Ascent» diňinden ep-esli beýik bolar. Binada azyndan 75 sany ýaşaýyş jaýy, 300 sany myhmanhana otagy we köp sanly ofis üçin otaglar bolar. Şeýle hem binanyň ýanaşyk çäklerinde köp sanly awtoulag duralgasy, jemgyýetçilik ýerleri we pyýada ýodalar gurlar. Taslamanyň bahasy 700 million dollardan gowrak bolup, ekologiýa taýdan durnukly boljakdygy bellenilýär.

Şeýle-de, binanyň berkligini üpjün etmek üçin agaçdan başga nähili materiallaryň ulanyljakdygy mälim edilmeýär. Bilermenler geljekki gökdiräniň ululygyny we beýikligini göz öňünde tutup, beton berkitmesi bolmazdan hiç zadyň başa barmajakdygyny çaklaýarlar. Häzirki wagtda dünýäniň iň beýik agaç binasynyň Norwegiýadaky 18 gatly binadygy, onuň beýikliginiň 85,5 metre deňdigi habar berilýär. «Michael Green Architecture» binagärlik býurosynyň hünärmenleri häzirki zaman agaç materiallarynyň ýokary derejede berkdigini, oda çydamlydygyny, şol sebäpli olaryň beýik binalary gurmak üçin iň oňat materialdygyny belleýärler.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1991-nji ýylyň 23-nji awgustynda Ýewropanyň ýadro barlaglary boýunça guramasynyň (CERN) işgäri, inžener Tim Berners Liniň döreden ilkinji web sahypasy hemmeler üçin elýeterli bolýar. Şeýlelikde, Dünýä ýaýran tor (World Wide Web), ýagny internet peýda bolýar. Ilkibaşda Li bu taslamany ylmy-barlag edaralarynyň arasynda ylmy işleri paýlaşmak üçin işläp taýýarlaýar.**



# Dünýäniň iň owadan şäherleri

**Ýewropanyň şäherleri dünýäniň iň owadan şäherleriniň täze sanawynda ilkinji onlugyň dokuzysyny eýeleýär. Bu barada «Euronews» web saýty habar berýär. Sanaw müňlerçe ýyldan bäri binagärlikde tebigatyň gözelligini deňagramly, sazlaşykly ulanyp, altyn ölçeg düzgünine laýyk gelýän binalaryň aýratynlygyna esaslanýar. Beýik Britaniýanyň «Online Mortgage Advisor» web sahypasy tarapyndan düzülen sanawyň ilkinji onlugyna Ýewropanyň paýtagtlarynyň ençemesi girýär. Eýsem, haýsy şäherlerde dünýäde iň özüne çekiji binalar bar?**

**Wenesiýa egrem-bugram kanallary we eklektik binagärligi bilen ilkinji orny eýeleýär. Geçirilen barlaglaryň netijesine görä, şäheriň binalarynyň 83 göteriminden gowragy ýokary ülňülere laýyk gelýär. Italiýanyň bu şäheriniň jahankeşdeleriň arasynda beýle meşhur bolmagy ýöne ýere däldir. Çünki 2023-nji ýylda 5,7 million adam bu şähere gelip görüpdir. Bu sanlaryň agdyklygyna görä, gadymy port şäheri bu ýyl jahankeşdeleriň sanyny çäklendirmek maksady bilen ilki syýahatçylyk salgydyny, ýakynda bolsa syýahatçylyk toparyna 25 adamdan köp bolmadyk çäklendirme girizdi.**

**Şeýle hem Italiýa özüniň iň owadan ikinji şäheri bilen tapawutlanýar: paýtagt Rim altyn ölçege laýyk gelip, ony Ýewropanyň paýtagtlarynyň iň naýbaşysyna öwürýär.**

**Ispaniýanyň Barselona şäheri üçünji orunda gelýär. Ondan soň Çehiýanyň paýtagty Praga gelip, şäher keramatly Wita sobory bilen öňe saýlanýar. Bäşinji orny sanawdaky Ýewropanyň daşyndaky ýeketäk şäher bolan ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäheri eýeledi. Binagärlik taýdan iň owadan 10 şäheriň arasynda Afiny (Gresiýa) altynjy orny, Budapeşt (Wengriýa) ýedinji orny, Wena (Awstriýa) sekizinji orny, Bordo (Fransiýa) dokuzynjy orny we Milan (Italiýa) onunjy orny eýeledi.**



# ÇAGA TERBIÝESINDE ÜNS BERILMELI JÜMLELER

**Çagalary terbiýelemek çylşyrymly iş bolup, birnäçe çagany terbiýeläp ýetişdirmek ata-eneleriň işini has-da kynlaşdyrýar. Çagalaryň her biriniň häsiýetine laýyklykda gatnaşykda bolmak, doganlaryň agzybirligini gazanmak maşgala agzalary üçin wajypdyr. Ata-eneleriň bilmezlikden ýa-da gahar bilen aýdýan sözleri käte doganlaryň arasynda düşünişmezlige sebäp bolup biler. Maşgalada çagalaryň arasyndaky baglanyşyk, özlerini alyp barşy we birek-birege bolan sylag-hormaty ata-eneleriň terbiýesi hem-de göreldesi esasynda emele gelýär. Käte gowy görlüp aýdylýan sözler soňlugy bilen çagalaryň arasynda bäsdeşlik ýa-da gabanjaňlyk ýaly duýgulary döredip biler. Bu ýagdaýlaryň öňüni almak üçin käbir sözlerden hem-de jümlelerden gaça durmak möhümdir. Haýsy jümleler doganlaryň arasynda düşünişmezlige sebäp bolup biler? Geliň, bularyň käbiri bilen tanyş bolalyň!**



**Doganyňdan görelde al!** Köplenç ulanylýan bu jümle soňlugy bilen bäsdeşligiň we gabanjaňlygyň ösmegine sebäp bolýar. Hünärmenleriň bellemegine görä, çagany deňeşdirmek, kemsitmek we başga biriniň ýanynda kemçiliklerini aýtmak dogry usul hasaplanmaýar. Çaga bilen ikiçäk gepleşmek, mylaýym usulda düşündirmek dogry hasaplanýar. Mysal üçin, «Doganyňdan görelde al» däl-de, «Doganyňa seret, ol-a şeýdipdir, senem şeýtseň gowy bolmazmy? Nähili pikir edýäň?» diýen ýaly çemeleşmeli.

**Doganyňy gowy gör!** Maşgalada bäbejigiň gelmegi bilen doganlaryň arasynda käbir kynçylyklar döräp biler. Esasan hem, gapma-garşylyk duýgusy ösüp, gabanjaňlyk häsiýetleri ýüze çykyp biler. Bu ýagdaýyň öňüni almak üçin çagalaryň hemmesiniň hem öň şular ýaly kiçijik bäbejik bolandygyny aýtmaly. Käbir gyzykly ýatlamalary gürrüň bermeli. Bäbejigiň hem edil doganlaryna meňzeýändigini (hereketleri, ýüz keşbi) aýdyp, olaryň bilelikde wagt geçirmeklerini gazanmaly. Şeýlelikde, uly doganlary bäbejigiň aladasyny edip ugrarlar. Gün geçdigiçe jigilerini has-da gowy görerler.

**Doganyňa seret!** Maşgalada köplenç doganlaryň ulularyna jigilerine seretmek tabşyrylýar. Bu ýagdaý käbir halatda dogry diýlip bilinýän hem bolsa, çagalara seretmek ata-eneleriň borjy hasaplanýar. Şol sebäpli uly çagalaryň kiçilere seretmegi: iýdirip-içirmegi, gezdirmegi ýa-da egin-eşiklerini çalyşmagy yzygiderli işe öwrülmeli däl. Çagalar buýran işiňi etmäge ýetişen hem bolsa öz çagalyk dünýäsini ýaşamaly. Olara ýaşyna we ukybyna görä ýerine ýetirip biljek işini ynanmaly, uly adamlaryň wezipesini tabşyryp ýadatmaly däl.

**Sen indi uly, jigiňe beräý!** Ata-eneler tarapyndan köplenç ulanylýan bu jümle soňlugy bilen doganlaryň biri-birini ýigrenmegine getirip bilýär. Uly doganyna öz oýnawajyny, sowgat berlen zadyny, dükandan ýolugra alnyp berlen miwe suwuny ýa-da şokolady jigiňe ber diýlip aýdylmagy, mejbur edilmegi ýalňyş hasaplanýar. Bu usuly ulanmak doganlaryň arasynda gapma-garşylykly ýagdaýlary döredip bilýär. Maşgalada her çaganyň öz oýnawajy we şahsy zatlary bolmaly. Şeýle hem çagalara islendik zat deň derejede we öz islegine görä alnyp berilmeli.

**Kim birinji bolar?** Maşgalada doganlary biri-biri bilen ýaryşdyryp, soňra ýeňijini sylaglamak ýalňyş çemeleşme hasaplanýar. Çünki bäsdeşlik çagalary diňe bir oýun däl, duýgy taýdan hem biri-birine gapma-garşy goýýar. Doganlary biri-birine gapmy-garşy goýman, olaryň bir bitewi topar bolup ýeňiş gazanmagyny ýola goýmaly. Olaryň biri-birini goldamagyny we agzybir bolmagyny gazanmaly.

**Meniň üçin hemmäňizem deň.** Çagalary biri-birine gapma-garşy goýmazlyk üçin aýdylýan bu jümle her çaga başgaça täsir edip biler. Çünki çagalaryň işjeňligi, başarjaňlygy we zehini deň däl. Bu sözleri eşiden çagalar özünde üýtgeşik artykmaçlygyň ýokdugyna düşünip bilerler. Şol sebäpli bu jümlä derek çagalaryň hersiniň öz halaýan ugruny, zehin berlen tarapyny aýdyp, maslahatlar bermek we ugrukdyrmak iň dogrusydyr. Şeýlelikde, çagalar özüniň maşgaladaky gymmatyna düşüner, şeýle hem ata-enesine, doganlaryna bolan ynamy artar. Başgaça aýdylanda, her bir çagany öz bolşuna görä kabul etmeli we onuň zehinini açmagyna ýardam bermeli.

# Singapur – täsinlikleriň şäheri





Uçardan ýaňy düşen bolsaňyz, howa menzilinden entek çykmaň! «Jewel Changi» howa menzilindäki täsinlikleriň şaýady boluň! Bu ajaýyp gümmezde 280-den gowrak naharhana we söwda merkezi bar. Binanyň merkezindäki 40 metr beýiklikdäki ýapyk şaglawuk daş-töweregindäki tokaý zolagyna gözellik berýär. Bu ýerde çagalar üçin oýun meýdançalary hem gurlupdyr.

Singapurda gezelençleri amatly we aňsatlyk bilen amala aşyrmak üçin jemgyýetçilik ulag serişdeleri hereket edýär. Şäherde ýokary derejeli söwda merkezleriniň, kaşaň myhmanhanalaryň we döwrebap naharhanalaryň birnäçesi bolup, maşgala üçin attraksionlar, futuristik şäheri öwrenmäge mümkinçilik berýän taryhy muzeýler we etniki ýerler bar. Syýahatçylyk babatda ösen Singapuryň ajaýyp ýerleri baradaky maglumatlary siziň dykgatyňyza ýetirýäris.

**Marina aýlagy.** «Marina Bay Sands» şypahana toplumy kaşaň myhmanhanany, söwda merkezini, «ArtScience» muzeýini we «Marina Bay Sands Skypark» gözegçilik merkezini öz içine alýar. Gözegçilik merkezinde synlaýyş otagy hem bar. Myhmanhananyň ýokarsynda gäminiň şekilindäki bina ýerleşdirilip, bu ýerde howuz, kofe içilýän ýer we restoran bar. Marina aýlagyndaky 101 gektar meýdany eýeleýän kenarýaka baglary sport bilen meşgullanýan syýahatçylara ýokary mümkinçiligi döredýär.

**Botanika baglary.** Şäheriň ekologiýa taýdan arassalygyny üpjün edýän botanika baglary gezelenç etmek üçin döredilipdir. Bu ýerde birnäçe ýyldan bäri ösüp oturan goja agaçlary hem-de täsinlikleri eçilýän Milli Orkide bagyny synlap bilersiňiz. Mundan başga-da, bu ýerde ekobaglary, bonsaý bagyny, heýkelleri görmek bolar.

**Haýwanat bagy.** Dünýäde iň uly tokaý haýwanat bagy hasaplanýan Singapur haýwanat bagy täsirli başdangeçirmelere baý ýerleriň biridir. Bu ýer özüne çekiji bolup, maýmynlaryň birnäçe görnüşi, zebralar, komoda aždarhasy, mole alakalary, ak gaplaň, kenguru we başga-da köp jandar saklanýar. Myhmanlar bu ýerde käbir janly-jandaryň ýaşaýyş özboluşlylygyna, iýmitleniş ýagdaýyna syn edip bilerler. Haýwanat bagyna aýlanmak üçin azyndan 3 sagat gerek. Mundan başga-da, bu ýerde Gijeki Safari, Safari derýasy, panda tokaýjygy we Jurong guş seýilgähi ýaly bölümler hem bar.

**Singapur çarhy.** Singapurdaky dünýäniň iň äpet çarhy «Singapore Flyer»-e münüp, daş-töwerekdäki gözelligi synlap bolýar. 30 minut dowam edýän «arzuwlar syýahaty» multimediýa sergilerini hem hödürleýär.

# Dyrnakdaky alamatlar nämäni habar berýär?!

**Bedenimizdäki käbir alamatlar saglyk bilen bagly köp zady aýdyp biler. Esasan hem, aýadaky we dyrnakdaky käbir üýtgeşmelere has ünsli çemeleşmeli. Amerikaly dermatologlar dyrnakda ýüze çykýan alamatlar bilen bagly barlaglar geçirip, şeýle netijä gelendiklerini belleýärler.**

**Sary dyrnaklar.** Dyrnagyň saralmagy ýaş bilen baglanyşykly ýagdaýda ýüze çykýar. Lukmanlaryň bellemegine görä, dowamly çilim çekmek dyrnaklaryň saralmagyna ýa-da dyrnakda sary tegmilleriň döremegine getirip bilýär. Sary dyrnak köplenç dem alyş ýollaryndaky käbir keseller we el-aýaklaryň çişmegi netijesinde emele gelýär.

**Gury we döwlen dyrnaklar.** Dyrnagyň guramagyna we döwülmegine yzygiderli ýüzmek, dyrnaga çalynýan serişdeleri çendenaşa köp ulanmak, eliňi ýygy-ýygydan ýuwmak ýa-da çyglylygy pes ýaşaýyş gurşawy sebäp bolup biler. Şeýle-de bolsa guran dyrnaklar käte saglyk bilen bagly ýagdaýlary hem görkezip bilýär.

**Ak tegmiller.** Käwagt dyrnakda ak tegmiller peýda bolýar. Adatça ak tegmiller kän üns berilýän zat däl. Amerikaly dermatologlaryň neşir eden



makalasyna görä, ak tegmiller «leýkonihiýa» diýlip atlandyrylýar. Köp adam dyrnakdaky ak tegmillere kalsiý ýetmezçiligi diýip düşünýär. Ýöne bu kalsiý bilen bagly ýagdaý bolman, bagyr we böwrek ýetmezçiliginiň käbir alamatlary bolup biler.

**Dik we kese çyzyklar.** Käbir adamyň dyrnagynda dik we kese çyzyklar emele gelýär. Dyrnakdaky bu çyzyklar garrylyk alamatlary bilen birlikde ýüze çykýar. Lukmanlaryň bellemegine görä, dik we kese çyzyklar agyr keselleri geçiren adamlarda döreýär. Bu ýagdaý saç düşme alamatlary bilen bagly bolup biler.

**Güberçek dyrnaklar.** Dyrnagyň pökgerip çemçe ýaly ösmegi dyrnagyň töweregindäki şikeslenmeler ýa-da deri keselleri bilen bagly ýüze çykýar. Şeýle dyrnaklar köplenç demir ýetmezçiliginiň ganazlyk alamaty hökmünde kesgitlenýär.

**DYRNAGYŇY DIŞLEMEK ENDIKMI ýa-da ÝETMEZÇILIK?**

Dermatologlaryň bellemegine görä, dyrnagyňy dişlemek adaty bir endik bolup, köplenç stres sebäpli ýüze çykýar. Dyrnaklaryň töweregindäki derini ýa-da dyrnagy dişlemek dowamly bolsa, onda lukmana ýüz tutmaly. Çünki bu ýagdaý uzaga çekse, nerw ulgamy bilen bagly dürli bozulmalary güýçlendirip biler.

## ÇAGALAR

**Pandalar her gün 100 gezekden hem köp iýmitlenýärler. Bu jandarlaryň her günki iýmit mukdary 13-15 kilograma deň.**

# Näme üçin pandalaryň sütügi alabeder?

**Dünýäde ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň hataryna girýän pandalar bambuk tokaýlyklary bilen tanalýan Hytaýyň günorta-günbatarynda ýaşaýarlar. Häzirki wagtda bu enaýyja aýylaryň sanynyň 2 müňden geçmeýändigi bellenilýär. Dumanly we ýagyşly howa uýgunlaşan pandalaryň sütüginiň ak we gara reňkde bolmagy köpleriň ünsüni özüne çekýär. Eýsem, näme üçin bambuk aýysynyň reňki ap-ak, ýa şar gara, ýa-da goňur däl. Näme üçin beýleki jandarlardan tapawutlylykda pandalaryň sütügi alabeder?**

**Süýdemdirijileriň köpüsiniň sütügi birsydyrgyn reňkde bolýar. Emma pandalaryň beýleki jandarlardan tapawutlylykda «eli», aýagy we gulagy tutuşlygyna gara bolup, göwresiniň galan bölegini ak sütük örtýär. Şeýle hem ähli pandanyň gözünde gara menekler bar.**

**Kaliforniýa döwlet uniwersitetiniň tebigaty we janly-jandarlary öwreniji hünärmenleri pandalar bilen bagly birnäçe barlaglary geçirdiler. Barlaglaryň netijesine görä, pandalaryň alabeder sütügi bambuk tokaýynda we açyk garly meýdanda howply jandarlardan gizlenmegine ýardam edýär. Şeýle hem pandalaryň ýüzündäki we gulagyndaky gara menekleriň gizlenmek üçin däl-de, biri-biri bilen aragatnaşykda bolmak üçin zerurdygy ýüze çykaryldy.**



**Pandalaryň gara menekli gulagy ýyrtyjylyk häsiýetiniň bardygyndan habar berýär. Gözündäki gara menekler bolsa, bu jandarlaryň biri-birini tanamagyna ýa-da garşydaşyny gorkuzmagyna ýardam edýär.**

**IÝMITLENIŞI BILEN BAGLY**

**Pandalar beýleki aýylar ýaly gyş ukusyna gitmeýändigi üçin dürli howa şertlerinde iýmitlenmeli bolýarlar. Beýleki ösümliklerdir otlar bilen iýmitlenip bilmeýändigi sebäpli bambuk aýylary halaýan iýmitini tapmak üçin garly daglardan başlap, tropik tokaýyň ençeme ýerlerini gezmeli bolýarlar. Bu bolsa pandalaryň artykmaç ýag toplamagyna hem-de pasyllara görä sütüginiň reňkini üýtgetmegine täsir etmeýär. Hünärmenleriň pikiriçe, pandalaryň ýekeje ösümlik bilen iýmitlenmegi hem-de işjeň ýagdaýda bolmagy olaryň reňkiniň şol bir durkunda saklanmagyna täsir edýär.**

# Siz mekdebe taýýarmy?

**Tomusky dynç alyş möwsümi tamamlanyp barýar. Dynç alyş möwsüminde çeper eserleri okansyňyz, täze dostlar tutunansyňyz, seýilgählerde dynç alyp, sport bilen meşgullanansyňyz. Eýsem, täze okuw ýylyna girişmek, sapaklardan has ýokary netije almak üçin nähili taýýarlyk görmeli?!**



**Sanaw düzmek**

● Mekdep üçin gerekli okuw esbaplaryna seredip, sanaw taýýarlamaly. Ähli okuw esbaplaryň ýerbe-ýerdigini gözden geçirmeli. Tomusky dynç alyş möwsüminde ýerine ýetirilmegi üçin berlen ýumuşlary täzeden gaýtalamaly.

**Okamak üçin ýer taýýarlamaly**

● Asuda ýerde dersleri has netijeli özleşdirip bolýar. Dersleriňize taýýarlanýan otagyňyzy, stoluňyzy, kitap tekjäňizi we beýleki okuw esbaplaryny arassalamaly. Geçen ýyldan galan gerekmejek zatlary aýyrmaly. Mümkinçilik bolsa, stoluňyzyň ýerini üýtgetmeli. Ýöne onuň ýagty ýerde durmalydygyny unutmaly däl. Öý işlerine taýýarlanylýan otaga penjireden ýagtylygyň düşmegi görüş üçin peýdalydyr.

**Meýilnama taýýarlamaly**

● Gündelik etmeli işleriňize, okamaly kitaplaryňyza degişli jedwel taýýarlamaly. Jedwel edil senenama ýaly bolup, onda gündelik etmeli we eden işleriňizi ýazyp bilersiňiz. Jedwel siziň günüň, hepdäniň ýa-da aýyň dowamynda etmeli işleriňizi bir ýerde jemläp, ýatdan çykan zatlary ýatlatmaga kömek eder.

**Görnüşlerine görä bölmeli**

● Kitaplaryňyzy we beýleki zatlaryňyzy ýerleşdireniňizde olary ugurdaş görnüşde toparlara bölmeli. Bellikleriňizi, okuw derslerine degişli kitaplary, okuwdan daşgary özbaşdak okaýan kitaplaryňyzy, depderleri, surat albomyny we beýleki uly ölçegdäki kagyzlary aýratynlykda ýerleşdirmeli.

**Okuw esbaplaryna bellik etmeli**

● Ruçka, galam, çyzgyç, galam gutusy, reňk serişdesi ýaly okuw esbaplaryňyza bellik etmeli. Gereklisine adyňyzy ýazmaly. Adyňyzyň ýerine dürli şekillerden we reňklerden hem bellik goýup bilersiňiz.

**Okuwdan öň dynç almaly**

● Täze okuw ýylyndan bir-iki gün öň söwda merkezlerine ýa bazarlara gidip, oýna güýmenip köp wagt geçirmeli däl. Çünki okuwyň öň ýany ýadamak maslahat berilmeýär. Ir ýatyp, ir turmagy, ertirlik edinmegi endik etmeli. Telewizor, telefon we kompýuter ýaly elektron enjamlara azrak güýmenmeli. Muňa derek kitap okamaly, pazzl, küşt, şaşka ýaly paýhas oýunlaryny oýnamaly. Täze alan egin-eşikleriňizi geýip görmeli. Okuw esbaplaryňyzy taýýar etmeli.

**Şahsy arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmeli**

● Ýantorbaňyzda gerekli arassaçylyk serişdeleriniň bolmalydygyny unutmaly däl. Çygly süpürgiçleri ulananyňyzdan soňra ýörite zibil gutusyna taşlamaly. Ulaga, jemgyýetçilik ulagyna müneniňizde seresap bolmaly. Jemgyýetçilik ulagynda ýantorbaňyzy ýanyňyzdan aýyrmaly däl, şeýle hem ýantorbany bellenmedik ýerde goýmaly däl. Ýol hereketiniň kadalaryny berk berjaý etmeli. Mekdepden öýe gelnende, ilki bilen el-ýüzüňi ýuwmagy, egin-eşikleriňizi, ýantorbaňyzy tertipli goýmagy endik etmeli.




7 tapawudy tapyň!





# Pandalar barada gyzykly maglumatlar:

☑ Pandalar diňe bambuk baldaklaryny we ýapraklaryny iýýärler. Emma şeýledigine garamazdan bambuk aýylarynyň iýmit siňdiriş ulgamy ýyrtyjy jandarlaryňka meňzeýär. Pandalar seýrek ýagdaýda balyk, ýumurtga we ownuk mör-möjekler bilen hem iýmitlenýärler.

☑ Ýylyň ähli möwsüminde işjeňligini saklaýan alabeder aýylar her gün iýmitlenmek üçin 10-16 sagadyny sarp edýärler.

☑ Pandalar her gün 100 gezekden hem köp iýmitlenýärler. Bu jandarlaryň iýýän bambuklarynyň her günki mukdary 13-15 kilograma deň.

☑ Uly pandalaryň agramy 125 kilograma çenli ýetýär. Ýaňy doglan pandajygyň agramy bolsa bary-ýogy 85-140 gram aralygynda bolýar.

☑ Pandalaryň öň penjelerinde 6 barmagy bar. Penjesinden çykyp duran goşmaça barmak bambuk baldaklaryny oňaýly tutmaga we agaja dyrmaşmaga ýardam edýär.

☑ Bambuk aýylary ökde alpinistler hasaplanýar. Pandalar 4 müň metr beýiklige çykyp bilýärler.

☑ Pandalar Hytaýyň milli baýlygy hasaplanýar. Pandalaryň şekili halkara we medeni çärelerde milli nyşan hökmünde ulanylýar. Şeýle hem pandalar käbir ýurtlara dostlukly gatnaşyklaryň ilçisi hökmünde sowgat edilýär.

☑ Ýabany tebigatda pandalaryň 1 müň 800 sanysynyň ýaşaýandygy bellenilýär. Pandalar Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşigi (IUCN) tarapyndan ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň hataryna girizildi.

Labirint





# 21 film baş baýraga dalaşgär görkezildi

Dünýäniň iň gadymy film festiwaly hasaplanýan Wenesiýa kino şüweleňi öňümizdäki günlerde 81-nji gezek geçiriler. Has takygy, festiwalyň 81-njisi 28-nji awgustda başlap, 7-nji sentýabrda tamamlanar. Festiwalda eminler toparyna fransiýaly meşhur aktrisa Izabel Ýupper ýolbaşçylyk eder. Eminler toparyna bolsa ozal habar berlişi ýaly, amerikaly režissýor hem ssenariçi Jeýms Greý, britaniýaly režissýor Andrýuw Heig, polşaly tanymal režissýor Agnieşka Holland, braziliýaly režissýor, ssenariçi, prodýuser Kleber Mendonsa Filo, mawritaniýaly režissýor Abderrahman Sissako, italiýaly belli režissýor Juseppe Tornatore, germaniýaly ssenariçi hem režissýor Ýulia won Haýns, hytaýly meşhur aktrisa Çžan Szyý ýaly kino sungatynyň görnükli wekilleri çagyrylypdy.



11 günläp dowam etjek festiwalda baş baýrak ugrunda 21 film bäsleşer. Şol filmleriň arasynda Pedro Almodowar, Walter Salles, Todd Fillips, Pablo Larrain, Emmanuel Mure, Luka Guadanino ýaly ussat režissýorlaryň soňky filmleri hem bar. Dalaşgär görkezilen filmleriň arasynda ýylyň iň köp garaşylýan ekran eserlerinden Todd Fillipsiň režissýorlygyndaky «Joker: iki diwana» filmi hem bolup, 200 million dollar býujetli kinoda baş keşpleri Hoakin Finiks bilen Leýdi Gaga janlandyrýar.

**81-nji WENESIÝA FILM FESTIWALYNDA BAŞ BAÝRAGA DALAŞGÄR KINOLAR:**

**«Gögele» (Babygirl)** — Halina Reýn — ABŞ

**«Aprel» (April)** — Deýa Kulumbegaşwili — Gruziýa, Fransiýa, Italiýa

**«Olardan soň olaryň çagalary» (Leurs enfants apres eux)** — Ludowik we Zoran Bukermalar — Fransiýa

**«Söweş meýdany» (Campo di Battaglia) —** Janni Amelio — Italiýa

**«Brutalist» (The Brutalist)** – Bredi Korbet – ABŞ, Birleşen Patyşalyk, Wengriýa

**«Geljegiň diwasy» (Diva Futura)** — Juliýa Luiza Ştaýgerwalt — Italiýa

**«Hasyl» (Harvest)** — Atina Raçel Tsangari — Birleşen Patyşalyk, Germaniýa, ABŞ, Gresiýa

**«Men henizem bu ýerde» (Ainda Estou Aqui)** — Walter Salles — Braziliýa

**«Joker: iki diwana» (Joker: Folie a Deux)** — Todd Fillips — ABŞ

**«Çapyksuwary öldürmek» (El jockey)** — Luis Ortega — Argentina, Ispaniýa

**«Söýgi» (Kjaerlighet)** — Dag Ýohan Hýoýgerud — Norwegiýa

**«Mariýa» (Maria)** — Pablo Larrain — Italiýa, Germaniýa

**«Orden» (The Order)** — Jastin Kurzel — ABŞ

**«Kuir» (Queer)** — Luka Guadanino — Italiýa, ABŞ

**«Ýuwaş ogul» (Jouer Avec le Feu)** — Delfin we Muriel Kulinler — Fransiýa

**«Goňşy otag» (La habitación de al lado)** — Pedro Almodowar — Ispaniýa

**«Sisiliýa hatlary» (Iddu)** — Fabio Grassadoniýa, Antoniýa Piazza

**«Nätanyş gözler» (Mo Shi Lu)** — Ýeo Sýu Hua — Siungapur, Taiwan, Fransiýa, ABŞ

**«Üç jora» (Trois Amies) —** Emmanuel Mure — Fransiýa

**«Dag gelni» (Vermiglio)** — Mauro Delpero — Italiýa, Fransiýa, Belgiýa

**«Ýaşlar: öýe dolanýar» (Qing chun gui)** — Wan Bin — Fransiýa, Lýuksemburg, Niderlandlar.

# KINO TÄZELIKLERI

● Iňlis ýazyjysy William Şekspiriň «Korol Lir» (King Lear) atly pýesasy esasynda ekranlaşdyryljak «Lear Rex» atly filmiň kastingine ýene-de oskarly artistleriň 2-si goşuldy. Bernard Rouz tarapyndan surata düşüriljek filmde aktýor Al Paçino bilen aktrisa Jessika Çesteýn hem keşp janlandyrar. Al Paçino Korol Liriň, Çesteýn bolsa onuň uly gyzy Goneriliň keşbini ýerine ýetirer. Filmde Al Paçino bilen Çesteýnden başga-da Ariana DeBose, Raçel Brosnahan, Piter Dinkleýj, Denni Hýuston, Kris Messina, LaKeit Stanfild, Ted Lewin, Mattýuw Jeýkobs, Ris Koiro Oswald, Stefen Dorff ýaly artistler dürli keşplerde surata düşerler. Filmiň surata düşüriliş işleri eýýäm ýola goýlup, onuň görkeziljek wagty häzirlikçe belli däl.



● «Disney» studiýasynyň köpleriň söýgüsini gazanan «Doňaklyk» (Frozen) animasiýasynyň 3-nji bölüminiň görkeziljek wagty mälim edildi. «Doňaklyk 3» animasiýasy 2027-nji ýylda prokatlara ýaýradylar. Ilkinjisi 2013-nji ýylda ekranlara çykan animasiýa prokatdan 1,2 milliard dollarlyk, 2019-njy ýylda görkezilen 2-nji bölümi bolsa 1,45 milliard dollarlyk gazanç edipdi. Hans Kristian Anderseniň 1844-nji ýylda çapdan çykan «Gar şagyzy» atly eseri esasynda sazly görnüşde ekranlaşdyrylan animasiýanyň 3-njisi baradaky beýleki maglumatlar öňümizdäki günlerde belli bolar.




● «Oýnawaçlaryň hekaýasy» (Toy Story) multfilmler toplumynyň hataryna ýene biri, 5-nji animasiýa hem goşuldy. Andrýuw Stentonyň (ozalky bölümleriň ssenariçisi) režissýorlyk etjek «Oýnawaçlaryň hekaýasy 5» multfilminde Wudi we Bazz täze tehnologik enjamlara (telefon, kompýuter...) garşy göreş alyp bararlar. Multfilmiň baş gahrymanlaryna ýene-de Tom Hanks (Wudi) bilen Tim Alleniň (Bazz) ses berjekdigi habar berildi. Animasiýanyň 5-nji multfilmini 2026-njy ýylyň 19-njy iýunynda ekranlara goýbermek göz öňünde tutulýar.




● «Hollywood»-yň ýaş artistlerinden – aktrisa Zendeýa bilen aktýor Robert Pattinson ikisi täze filmde bilelikde surata düşerler. Soňky döwürleriň öňe saýlanan studiýasy bolan A24-iň önümi boljak «The Drama» atly bu filme Kristoffer Borgli režissýorlyk eder. Ol «Düýş ssenariý» (Dream Scenario) filmi bilen meşhurlyk gazanypdy. Filmiň ssenarisi hem režissýoryň özüne degişli bolup, onuň ekranlara çykjak wagty entek belli däl.



## Fransuz kino sungatynyň meşhur aktýory aradan çykdy

Fransuz kino sungatynyň altyn döwrüniň iň tanymal aktýorlaryndan bolan Alan Delon 1935-nji ýylyň 8-nji noýabrynda Parižiň golaýyndaky So diýen ýerde dünýä inýär. 1950-nji ýyllaryň ikinji ýarymyndan başlap, kino sungatyna aralaşan aktýor 90-a golaý filmde ululy-kiçili keşpleri janlandyrýar. Ol Ren Klemen, Kristian Žak, Žan-Pier Melwill, Luçino Wiskonti, Miçelanhelo Antonioni ýaly ussat režissýorlaryň filmlerinde surata düşdi. Oňa ilkinji şöhrat getiren keşp Ren Klemeniň «Has ýiti gün» (Plein Soleil) filmindäki Tom Ripliniň keşbi boldy. Alan Delonyň meşhur filmleriniň hatarynda «Günüň ýaşmagy» (L'Eclisse, 1962), «Alajagaplaň» (Il gattopardo, 1963), «Gara çigildem» (La Tulipe noire, 1964), «Samuraý» (Le Samourai, 1967), «Ýüzüş howzy» (La Piscine, 1969), «Sisiliýa klany» (Le clan des Siciliens, 1969), «Borsalino» (Borsalino, 1970), «Gyzyl halka» (Le Cercle Rouge, 1970) ýaly ilhalar kinolary görkezmek bolar. Delonyň «Alajagaplaň», «Samuraý» filmleri nusgawy filmleriň hatarynda bolup, olaryň ikisi kino sungatynyň kult eserleri hökmünde görülýär.

Alan Delon 60 ýyldan gowrak karýerasynda egindeşleri – aktýorlar Žan-Pol Belmando, Burt Lankaster, Iw Montan, aktrisalar Jeýn Fonda, Romi Şneýder, Brigitte Bardo dagy bilen ençeme keşpleri paýlaşdy. 1985-nji ýylda «Biziň hekaýamyz» filmindäki keşbi üçin iň gowy aktýor ugry boýunça Sezar baýragyny alan aktýora 1995-nji ýylda Berlin film festiwalynda «Altyn aýy», 2009-njy ýylda Kann film festiwalynda bolsa «Altyn palma» hormat sylaglary gowşurylýar.



## «Awatar 3»-iň ady mälim edildi

● Kino dünýäsiniň iň köp girdeji gazanan filmleriniň sanawynda öňdäki orunda barýan «Awatar» filminiň 3-nji kinosynyň ady mälim edildi. Täze filmiň ady: «Awatar: ot we kül» (Avatar: Fire and Ash) diýlip atlandyrylýar. Filmiň režissýory kinonyň adyny mälim eden mahaly: — Täze ekran eserinde, Pandorada ozal görmedik zatlaryňyzy görersiňiz. Film garaşyşyňyz ýaly däl, isleýşiňiz ýaly bolar. Filmde täze gahrymanlar hem ýüze çykar — diýip belledi. Täze filmde Sem Wortington, Zou Saldanýa, Sigorni Wiwer, Stefen Lan, Keýt Winslet dagynyň hataryna Oona Çaplin, Dewid Tewlis, Mişell Ýeo ýaly artistler hem goşular. «Awatar: ot we kül» 2025-nji ýylyň 19-njy dekabrynda ekranlara çykar.




## Meşhur serialyň 2-nji möwsümi

● HBO-nyň meşhur seriallaryndan «The Last of Us» ekran eseriniň 2-nji möwsüminiň ýaýlyma beriljek senesi mälim edildi. Anyk wagty aýdylmasa-da, 2025-nji ýylda ekranlara çykjak serialyň tomusda tomaşaçylara ýetirilmegine garaşylýar. Surata düşüriliş işleri tamamlanan 2-nji möwsümde ýene-de Pedro Paskal, Bella Remzi, Gabriel Luna dagy esasy keşpleri janlandyrarlar. Olaryň hataryna Izabela Mersed, Jeffri Raýt, Keitlen Dewer, Ýang Mazino, Katerin O'Hara ýaly meşhur artistler hem goşular. Serial adybir kompýuter oýnunyň ikinji nusgasy esasynda surata düşürildi.

Serialyň 1-nji möwsümi 2023-nji ýylda ekranlara çykyp, köpleriň söýgüsini gazanypdy. Serial 8 ugurdan «Emmy» baýragyny eýeläpdi.



36-njy SKANWORD



43-nji KROSSWORD



● **DIKLIGINE:** **1.** Radio, telewideniýe arkaly gepleşikleriň, habarlaryň howa tolkunlarynyň ýaýradylyş giňişligi. **2.** Elektronika enjamlaryny öndüriji koreý kompaniýasy. **3.** Pes ýogyn sesli aýdym aýdýan adam. **4.** Ýer şarynyň Demirgazyk sebiti. **5.** Indoneziýa nahary. **6.** «... süýji, baldan bala süýji» (nakyl). **7.** Iki ýüzli uzyn hanjar. **8.** Portugaliýaly meşhur futbolçy. **9.** Sözlemiň baş agzasy. **10.** Los-Anjeles şäheriniň gysga aňladylyşy. **11.** Jomart, gysyk däl. **16.** Arka, yz. **18.** Gyz ady. **24.** Dermanlyk ösümlik. **27.** Kädiniň bir görnüşi. **28.** Aýdym-saz sungatynyň bir görnüşi. **29.** Bir diliň ýazuwynyň kabul edilen tertip boýunça ýerleşdirilen harplarynyň jemi. **30.** Biri ýa-da bir zat üçin edilýän alada, hysyrdyly iş. **41.** Uçmaýan deňiz guşy. **43.** Maşgalanyň zähmete ukyby bolmadyk, aýry ýaşaýan bir agzasyna hossary tarapyndan berilýän kömek puly. **44.** Egin-eşik asylýan. **46.** Ary, möý ýaly käbir mör-möjekleriň ýiti iňňesi. **48.** «Meýdan ... jeňi-maglup gaýrylsa» (Mätäji). **49.** Peýda, haýyr. **52.** Iýmek-içmek üçin zerur bolan önüm. **54.** Stol oýny. **56.** «Çopan adam çoka bolmaz, ala garga ... gelmez» (nakyl). **57.** Özüňden kiçi erkek dogan. **59.** Suwag üçin ýörite edilen palçyk. **60.** Ýüňden, pamykdan ýüplük egirmek üçin ýokarsy dilik gözli ýönekeýje gural. **63.** Baglaýjy kömekçi.

● **KESELIGINE:** **1.** Pişikler maşgalasyndan bolan ýyrtyjy jandar. **7.** Bir zadyň içine girilýän ýer, gapy. **12.** Guş ygaly. **13.** Ak-gara ýüplükden örülen bag. **14.** Ukuda däl, uka gitmedik. **15.** Deňiz jandary. **17.** Gadymy ýadygärlik ... Baba. **19.** Ýer işinde bir zady owratmak üçin uzyn demir. **20.** Welosiped öndüriji amerikan kompaniýasy. **21.** Uzaga, alysa. **22.** Adamyň teninde gan öýen ýaly bolup döreýän gyzgylt, goňur reňkli hal. **23.** «... üýrer – kerwen geçer» (nakyl). **25.** Beden synasy. **26.** Keýpi kök, jany sag. **30.** Reňk. **31.** Rus balykly çorbasy. **32.** «... edeliň bu jahana, jahanda näler görüner» (Magtymguly Pyragy). **33.** Daýhançylyk, maldarçylyk bilen meşgullanylýan ilatly ýer. **34.** Uzyn egri boýunly, ullakan suw guşy. **35.** Meşhur hindi aktrisasy Aýşwariýa ... **36.** Gazylyp alynýan gaty ýangyç. **37.** Aýynyň bir görnüşi. **38.** Hüşgär, eserdeň. **39.** Aý (köne söz). **40.** Gurşawy tegelek, kakylyp çalynýan gadymy saz guraly. **42.** Uzakdaky zatlara seretmek üçin iki sany ugurdaş gözli turbajyklardan ybarat enjam. **43.** Birsydyrgyn bolmadyk. **44.** Meşhur amerikaly boksçy Muhammet ... **45.** «... mülküniň içinde jan turdy perwaz eýläp» (Magtymguly Pyragy). **47.** Ýokluk görkezýän baglaýjy kömekçi. **49.** «Nikel» himiki elementiň gysga aňladylyşy. **50.** Özüňden uly erkek dogan. **51.** Ölçeg birligi. **53.** «Aý dogsa, ... görer» (nakyl). **55.** Kelle. **56.** Sazyň, aýdymyň ýakymly labzy, sesi. **58.** Nemes awtoulag brendi. **60.** San. **61.** Iş başarmaýan. **62.** Gargydan ýasalýan tüýdügiň bir görnüşi. **64.** Oý-çukur. **65.** Aýlaryň biri.

42-nji krosswordyň jogaby:



35-nji skanwordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# 3-nji aýlawa badalga berildi

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Milli çempionatynyň 3-nji aýlawyna badalga berildi. «Ahal» – «Aşgabat» duşuşygy bilen başlan 3-nji aýlawda, has takygy, 19-njy tapgyrda geçirilen 3 duşuşykda 11 gol geçirildi.**

Sanawyň lideri «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Şagadam» toparyny 5-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda ilkinji bolup hasaby myhmanlar açdy. Oýnuň 23-nji minutynda Hydyrgeldi Atjanow «Şagadamy» öňe saýlady. 31-nji minutda Didar Durdyýew bellenen 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup, hasaby deňledi. 45-nji minutda Altymyrat Annadurdyýew tapawutlanyp, ýer eýelerini öňe çykardy. 2-nji ýarymda-da «Arkadag» topary 3 gol geçirdi. Şol gollary 60-njy minutda Şanazar Tirkişow, 66-njy minutda Arslanmyrat Amanow hem-de 85-nji minutda Mirza Beknazarow öz atlaryna ýazdyrdylar.

«Ahal» topary öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyndan Meýlis Diniýewiň (6), Elman Tagaýewiň (55) hem-de Hakmuhammet Bäşimowyň (78) gollary esasynda 3-0 hasabynda üstün çykdy.

«Nebitçi» bilen «Köpetdagyň» arasyndaky oýunda bolsa ýeňiş gazanan bolmady. «Köpetdagdan» Jumamyrat Jumaýewiň 30-njy minutda geçiren goluna ýer eýeleri «Nebitçi» 52-nji minutda Döwran Berdiýewiň goly esasynda jogap berdi.

«Altyn asyr» bilen «Merwiň» arasyndaky duşuşyk bolsa ätiýaçdaky günleriň birinde geçiriler.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 17 | 17 | 0 | 0 | 83-9 | 51 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 16 | 12 | 1 | 3 | 43-17 | 37 |
| 3 | «AHAL» | 17 | 12 | 1 | 4 | 38-17 | 37 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 17 | 8 | 0 | 9 | 22-25 | 24 |
| 5 | «MERW» | 16 | 7 | 0 | 9 | 12-30 | 21 |
| 6 | «AŞGABAT» | 17 | 5 | 1 | 11 | 14-37 | 16 |
| 7 | «NEBITÇI» | 17 | 5 | 1 | 11 | 13-32 | 16 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 17 | 3 | 4 | 10 | 11-32 | 13 |

# Kubok ýaryşynda çärýek finalyň 1-nji oýunlary

Futbol boýunça Türkmenistanyň Kubogynyň täze ýaryşynda çärýek finalyň ilkinji duşuşyklary geçirildi. 31-nji gezek geçirilýän ýaryşyň çärýek finalynda kubogyň häzirki eýesi «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Şagadam» toparyndan 3–0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda gollary Şanazar Tirkişow (26), Arslanmyrat Amanow (75) hem-de Altymyrat Annadurdyýew (90+2) geçirdi. «Altyn asyr» bilen «Merwiň» arasyndaky oýunda-da ýer eýeleri 3-1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Altyn asyr» toparyna ýeňiş getiren gollary Röwşen Halmämmedow (7, 30) bilen Myrat Annaýew (63 p) derwezä girizdi. «Merw» toparynyň ýeke-täk goluny bolsa 73-nji minutda Abdyresul Abdyýew öz adyna ýazdyrdy.



«Nebitçi» bilen «Aşgabat» toparlarynyň arasyndaky oýunda paýtagtlylar 2-1 hasabynda üstün çykyp, ýeňiş bilen dolandylar. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda «Aşgabat» topary soňky minutlarda öňe saýlandy. 29-njy minutda Tirkişmyrat Sarymyradowyň goly bilen öňe geçen aşgabatlylaryň derwezesinden deňlik goluny 45+2-nji minutda Elýas Akyýew geçirdi. Oýnuň 85-nji minutynda bolsa Şyhberdi Baýnazarow «Aşgabat» toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy. Duşuşykda 4-si soňky minutlarda jemi 6 futbolça sary kart görkezildi.

«Ahal» bilen «Köpetdagyň» arasyndaky oýunda ýer eýeleri 2-1 hasabynda ýeňiş gazanmagy başardy (Meýlis Diniýew 20, Elman Tagaýew 71 p – Şiri Annaýew 3).

Çärýek finalyň jogap oýunlary 8-9-njy sentýabrda oýnalar.

# 10 ýyldan soň çagalyk ýyllaryndaky klubuna dolandy

Ispaniýanyň Ýewropa çempionatynda çempion bolmagynda uly rol oýnan Dani Olmo karýerasyny özüniň çagalyk ýyllarynda oýnan klubunda, «Barselonada» dowam etdirer. 26 ýaşyndaky winger, merkezi ýarymgoragçy «Barselona» bilen 6 ýyllyk şertnama gol çekişdi. «Barselona» Dani Olmonyň transferi üçin onuň öňki klubuna, ýagny «Leipsig» toparyna 55 million ýewro tölär. Katalonlaryň goşmaça 7 million ýewro hem töleg etmeli bolmagy mümkin. Başga bir klub Olmony «Barselonadan» almakçy bolsa onda 500 million ýewro tölemeli bolar. Dani Olmo professional karýerasyna Zagrebiň «Dinamo» klubunda başlap, ol horwat toparynyň ilki 2-nji klubunda, soňra esasy toparynda jemi 6 ýyl çykyş etdi. 2020-nji ýylda «Leipsige» transfer bolan Olmo bu klubda-da 4,5 möwsümde 148 oýunda 29 gol geçirdi. Olmo çagalyk ýyllarynda 1 möwsüm «Espanýolda», soňra 7 ýyllap «Barselonada» oýnady.



Olmonyň Ispaniýanyň milli ýygyndysynda 39 oýunda 11 goly bar. 10 ýyldan soň köne toparyna dolanan Olmo «Barselonada» 20-nji belgili köýnekçäni geýer.




# «Altyn asyryň» AFK Çempionlar Ligasy 2-däki bäsdeşleri belli boldy

Täze ady AFK Çempionlar Ligasy 2 bolan (ozalky AFK Kubogy) ýaryşyň saýlama tapgyrynda ýeňiş gazanyp, toparçalaýyn tapgyrda çykyş etmäge ygtyýar alan «Altyn asyryň» bäsdeşleri belli boldy.

Ildeşlerimiz bijä laýyklykda «B» toparça düşdi. Aragatnaşykçylar bu toparçada Saud Arabystanynyň «Al-Taawun», Yragyň «Al-Kuwa Al-Jawiýa» hem-de Bahreýniň «Al-Haldiýa» toparlary bilen bije çekişdi. Toparçalardaky duşuşyklar 17-nji sentýabrda başlap, 5-nji dekabrda tamamlanar.

**«A» toparça:** «Al Wakra» (Katar), «Traktor» (Eýran), «Mohun Bagan» (Hindistan), «Rawşan» (Täjigistan)

**«B» toparça:** «Altyn asyr» (Türkmenistan), «Al-Taawun» (S. Arabystany), «Al-Kuwa Al-Jawiýa» (Yrak), «Al-Haldiýa» (Bahreýn)

**«C» toparça:** «Sepahan» (Eýran), «Şarja» (BAE), «Istiklol» (Täjigistan), «Al-Wehdat» (Iordaniýa)

**«D» toparça:** «Şabab Al-Ahli» (BAE), «Nasaf» (Özbegistan), «Al-Hussein Irbid» (Iordaniýa), «Al-Kuwait» (Kuweýt)




## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

23-nji awgust (anna)
Borussiýa M – Baýer (23:30)
PSŽ – Monpelie (23:45)
Sewilýa – Wilýarreal (00:30)

24-nji awgust (şenbe)
Braýton – M. Ýunaýted (16:30)
Man. Siti – Ipswiç (19:00)
**Zenit – Spartak (19:30)**
Parma – Milan (19:30)
Lion – Monako (20:00)
**Aston Willa – Arsenal (21:30)**
Borussiýa D – Aýntraht (21:30)
Barselona – Atletik (22:00)
Inter – Leçça (23:45)

25-nji awgust (ýekşenbe)
Wulwerhempton – Çelsi (18:00)
Wolfsburg – Bawariýa (18:30)
Dinamo – Krasnodar (19:30)
Real Madrid – Walýadolid (20:00)
Liwerpul – Brentford (20:30)
Atletiko – Žirona (00:30)

26-njy awgust (duşenbe)
Werona – Ýuwentus (23:45)

# Çempionyň 25-nji ýeňşi

**Moto GP boýunça möwsümiň 11-nji ýaryşy Awstriýa «Gran Prisinde» «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Françesko Banaia ýeňiş gazandy. Ol 28 aýlawy 42 minut 11,173 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň şu möwsümdäki 7-nji, karýerasyndaky 25-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Ýaryşda 1-nji hatardan bat alan «Prima Pramac» toparynyň ispan sürüjisi Horge Martin ýeňijiden 3,323 sekunt yza galyp, 2-nji orny eýeledi. Ýeňijiniň hem topardaşy, hem-de watandaşy Enea Bastianini 3-nji orna mynasyp boldy.**



**Geçirilen 11-nji ýaryşdan soň Françesko Banaia 275 utuk bilen täzeden sanawyň 1-nji ornuna beýgeldi. 2-nji ýerdäki Horge Martiniň 5 utugy kem, 270 utugy bar. Enea Bastianini 214 utuk bilen 3-nji orna geçdi.**

**Möwsümiň 12-nji ýaryşy Aragon «Gran Prisi» 1-nji sentýabrda Ispaniýanyň Alkanýis şäherinde geçiriler.**




# Super Kubogy hem «Baýer» eýeledi

Germaniýada geçen möwsümde taryhyndaky ilkinji çempionlygyny hem-de 2-nji gezek ýurduň kubogyny gazanan «Baýer» topary Super Kuboga hem mynasyp boldy. Bu ugurda wise-çempion «Ştutgart» bilen duşuşan lewerkuzenliler ýene-de soňky minutlarda hasaby deňlemegi başardylar. 11-nji minutda Bonifeýsiň goly bilen öňe geçen «Baýeriň» derwezesinden 15-nji minutda Millo hasaby deňlän goly girizdi. 37-nji minutda «Baýerden» Martin Terrie gyzyl kart aldy. 63-nji minutda Deniz Undaw «Ştutgart» toparyny 2-1 hasabynda öňe çykardy. 73-nji minutda oýna giren Patrik Şik 88-nji minutda hasaby deňledi. Goşmaça wagt berilmezden, ýerine ýetirilen penalti urgularynda «Baýer» 4-3 hasabynda üstün çykyp, ilkinji gezek Germaniýanyň Super Kubogyny eýeledi. Lewerkuzenliler bu kubogy gazanan 9-njy topar boldy. Germaniýanyň Super Kubogy duşuşygy ilkinji gezek 1987-nji ýylda geçirilip, «Bawariýa» 10, «Borussiýa Dortmund» 6, «Werder» 3 gezek ýeňiş gazanmagy başardy. Duşuşyk 1997-2009-njy ýyllar aralygynda geçirilmedi.

Şeýle-de, Angliýanyň Super Kubogyna «Mançester Ýunaýtedi» penaltileriň netijesinde ýeňen «Mançester Siti» mynasyp boldy (1-1, 7-6 p). Bu şäherlileriň 5 ýyldan soň ilkinji, umumylykda-da 7-nji Super Kubogy hökmünde hasaba alyndy.

# Ikisi-de 15-nji çempionlygyny gazandy

**Tennis boýunça ABŞ-da geçirilen «Sinsinnati Açyk» ýaryşynda erkekleriň arasynda italiýaly Ýannik Sinner, zenanlardan belarusly Aryna Sabalenka ýeňiji boldy.**

«Masters 1000» ýaryşlarynyň biri bolan bäsleşigiň erkekleriň arasyndaky finalynda Sinner ýer eýelerinden amerikaly Franses Tiafouny 7:6 we 6:2 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň 3-nji «Masters» çempionlygy bolup, ol martda Maýamide, geçen ýylam Kanadada «ATP 1000» ýaryşlarynda ýeňiş gazanypdy. Bu onuň umumylykda 15-nji ATP Kubogydyr.

Zenanlaryň arasyndaky finalda belarusly Sabalenka amerikaly Jessika Pegulany 1 sagat 15 minutda 6:3 we 7:5 hasaplar bilen ýeňmegi başardy. Sinsinnatide ilkinji gezek ýeňiş gazanan Sabalenka «WTA 1000» ýaryşlarynda 6-njy çempionlygyny baýram etdi. Ol Uhanda 2 (2018, 2019), Madridde-de 2 (2021, 2023) hem-de Katarda çempionlyk gazanypdy. Bu onuň 15-nji WTA çempionlygydyr.



# «Milanyň» täze oýunçylary

Italiýanyň «Milan» topary Angliýanyň «Tottenham» toparyndan sag gyraky goragçy Emerson Roýaly düzümine goşdy. 26 ýaşly oýunçynyň transfer tölegi 15 million ýewro diýlip kesgitendi. Braziliýaly oýunçy «Milanda» 22-nji belgide oýnar. Ýurdunyň «Ponte Preta» toparynda futbola başlan Emerson «Atletiko Mineiro», «Betis», «Barselona» klublarynyň köýnekçelerini hem geýdi. Emerson «Tottenhamda» 3 möwsümde 101 oýunda meýdança çykdy. Şeýle-de, «Milan» kluby Fransiýanyň «Monako» toparyndan ýarymgoragçy Ýussuf Fofanany hem transfer etdi. Italýan kluby fransiýaly oýunçy üçin «Monako» toparyna 25 million ýewro berer. 25 ýaşyndaky oýunçy «milanlylar» bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. 2020-nji ýyldan bäri «Monakoda» oýnap gelýän Fofana geçen möwsümde 32 oýunda 4 gol geçirip, 4 goluň pasyny berdi.



# «Atalantadan» «Atlanta»

Italiýanyň «Atalanta» toparynyň russiýaly ýarymgoragçysy Alekseý Miran772çuk mundan soň karýerasyny başga bir yklymda dowam etdirer. 28 ýaşyndaky oýunçy ABŞ-nyň çempionaty MLS-iň klublaryndan «Atlanta Ýunaýtediň» düzümine goşuldy. Amerikan kluby russiýaly hawbek üçin italýan klubuna 15 million ýewro pul tölär. Miran772çuk täze kluby bilen 2028-nji ýyla çenli şertnama baglaşdy. Gerek bolan ýagdaýynda şertnamanyň möhleti ýene bir ýyllygyna uzaldylyp bilner. Miranççuk «Atlanta Ýunaýtediň» taryhyndaky iň gymmat transfer boldy. Miranççuk karýerasyna «Lokomotiwde» başlap, ol moskwalylaryň düzüminde 10 möwsüme golaý çykyş etdi. Soň «Atalanta» transfer bolan Miranççuk bu klubda 3 möwsüm oýnady. 1 möwsümem «Torinoda» kärendesine çykyş eden Miranççuk italýan klublarynda 129 oýunda 17 gol geçirdi.




# «Mançester Ýunaýted» «Bawariýanyň» 2 goragçysyny transfer etdi

Angliýanyň «Mançester Ýunaýted» topary «Bawariýadan» birbada 2 futbolçyny transfer etdi. Düzüme goşulan futbolçylaryň ikisi-de goragçy bolup, olar tälimçi Erik ten Hagyň öňki şägirtleridir. Merkezi goragçy Matteýs de Ligt (Niderlandlar) hem-de sag gyraky goragçy Nussair Mazraui (Marokko) mundan soň karýeralaryny «Mançester Ýunaýtedde» dowam ederler.



25 ýaşyndaky De Ligt täze kluby bilen 5+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Onuň transfer tölegi 45+5 million ýewro bolar. De Ligt «Bawariýada» 2 möwsüm oýnap, ondan öň hem «Ýuwentusda», hem-de «Aýaksda» 3 möwsüm çykyş edipdi.

«Mançester Ýunaýted» 26 ýaşyndaky Mazraui bilen 4+1 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Marokkoly oýunçynyň transferi üçin iňlis kluby münhenlilere 15+5 million ýewro berer. «Bawariýada» 2 möwsüm oýnan Mazraui nemes klubundan öň 5 möwsüm «Aýaksyň» köýnekçesini geýipdi.

De Ligt täze klubunda 4-nji, Mazraui 3-nji belgide oýnar.

# Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynda täze möwsüm başlandy

**«La Ligada» we «Serie A»-da 6 oýun deňlikde tamamlandy**

Ispaniýanyň çempionaty «La Liganyň» täze möwsüminiň ilkinji tapgyrynda 6 duşuşyk deňlikde tamamlandy. Soňky çempion «Real Madrid» täze möwsüme ýeňiş bilen başlap bilmedi. Myhmançylykda «Malýorka» bilen duşuşan «Real Madrid» topary öňe saýlansa-da, bu üstünligini goramak olara başartmady (1-1, Muriki 53 – Rodrigo 13). Duşuşygyň 90+7-nji minutynda Ferlan Mendi gyzyl kart aldy. «Real Madrid» Ançelottiniň tälimçiliginde ilkinji gezek 1-nji tapgyrda ýeňiş gazanyp bilmedi. Umumylykda «Real Madrid» «La Liganyň» taryhynda täze möwsüme 20-nji gezek deňlik bilen başlady. Olar şol möwsümleriň diňe 5-sinde çempionlyk gazandy. «Real Madrid» topary «La Ligada» 33 oýundan bäri ýeňilmän gelýär (24 ýeňiş, 9 deňlik). Ispaniýanyň çempionatynda möwsümiň ilkinji tapgyrynda «Barselona» myhmançylykda «Walensiýany» Duronyň (44) goluna garşy, Lewandowskiniň gollary (45+5, 49 p) esasynda 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Wilýarreal» bilen «Atletiko Madridiň» arasynda ýeňiş gazanan bolmady. Madridlileriň hasaby deňlän goluny geçen möwsüm «Wilýarrealda» oýnan Sörlot derwezä girizdi (2-2, Danžuma 18, Koke 37 ö.d. — Llorente 20, Sörlot 45+5)







**«La Ligada» 1-nji tapgyryň netijeleri:** «Atletik» – «Hetafe»: 1-1, «Betis» – «Žirona»: 1-1, «Selta» – «Alawes»: 2-1, «Las Palmas» – «Sewilýa»: 2-2, «Osasuna» – «Leganes»: 1-1, «Walensiýa» – «Barselona»: 1-2, «Real Sosiedad» – «Raýo Wallekano»: 1-2, «Malýorka» – «Real Madrid»: 1-1, «Walýadolid» – «Espanýol»: 1-0, «Wilýarreal» – «Atletiko»: 2-2.



* * *

Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da täze möwsüminiň ilkinji tapgyrynda edil «La Ligadaky» ýaly 6 duşuşyk deňlikde tamamlandy. Myhmançylykda «Jenoa» bilen duşuşan «Inter» Turamyň gollary bilen 2-1 hasabynda öňe saýlansa-da, 90+6-njy minutda Messiasyň penaltiden geçiren goly esasynda ýeňşi elden giderdi. «Milan» öz meýdançasynda «Torino» bilen duşuşyp, soňky minutlarda ýeňlişden halas boldy. Tiawyň awtogoly hem-de Zapatanyň goly bilen 2-0 öňe geçen «Torino» soňky minutlarda 2 gol geçirtdi. «Milanyň» gollaryny täze transfer Morata (89) bilen Okafor (90+5) öz atlaryna ýazdyrdy. Myhmançylykda «Weronadan» Liwramentu hem-de Moskeranyň (2) gollary esasynda 3-0 hasabynda asgyn gelen «Napoli» möwsüme şowsuz başlady. Şol hasap bilen liganyň täze klubuny, 21 ýyldan soň «Serie A»-da çykyş edýän «Komony» ýeňen «Ýuwentus» diýseň şowly başlangyç etdi. «Ýuwentusyň» gollaryny Mbangula, Wea, Kambiaso geçirdi. Tapgyryň iň uly hasaply ýeňşini «Atalanta» gazanyp, bergamolylar myhmançylykda «Leççeni» Breşianininiň (2) hem-de Reteginiň (2) gollary bilen 4-0 hasabynda utdy. **«Serie A»-da 1-nji tapgyryň netijeleri:** «Jenoa» – «Inter»: 2-2, «Parma» – «Fiorentina»: 1-1, «Empoli» – «Monza»: 0-0, «Milan» – «Torino»: 2-2, «Bolonýa» – «Udineze»: 1-1, «Werona» – «Napoli»: 3-0, «Kaliari» – «Roma»: 0-0, «Lasio» – «Wenesiýa»: 3-1, «Leççe» – «Atalanta»: 0-4, «Ýuwentus» – «Komo»: 3-0



**100-nji duşuşykda 91-nji gol**

Angliýanyň «Premier Ligasynda» täze möwsümiň ilkinji tapgyryndaky merkezi oýunda soňky çempion «Mançester Siti» myhmançylykda «Çelsini» 2-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 18-nji minutda tapawutlanan Erling Holann täze möwsümdäki ilkinji duşuşygynda gol geçirmegi başardy. Bu onuň «Mançester Sitidäki» 100-nji duşuşygy bolup, ol 91-nji goluny geçirdi. Onuň 100 oýunda 15 asisti hem bar. Bu onuň APL-däki 67-nji duşuşygynda 64-nji goly hökmünde hasaba alyndy. Beýleki goly bolsa oýna soň goşulan ozalky «çelsili» Mateo Kowaçiç 84-nji minutda derwezä girizdi. «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Fulhamy» täze transferi Zirkzeeniň 87-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda ýeňmegi başardy. «Liwerpul» myhmançylykda 22 ýyldan soň «Premier Liga» çykan «Ipswiç Tawny» 2-0 (Žota 60, Salah 65), «Arsenal» bolsa öz meýdançasynda «Wulwerhemptony» 2-0 (Hawerts 25, Saka 74) hasaplar bilen utdy. **«Premier Ligada» 1-nji tapgyryň netijeleri:** «M. Ýunaýted» – «Fulham»: 1-0, «Ipswiç» – «Liwerpul»: 0-2, «Arsenal» – «Wulwerhempton»: 2-0, «Ewerton» – «Braýton»: 0-3, «Nýukasl» – «Southempton»: 1-0, «N. Forest» – «Bornmut»: 1-1, «West Ham» – «Aston Willa»: 1-2, «Brentford» – «K. Palas»: 2-1, «Çelsi» – «Man. Siti»: 0-2, «Lester» – «Tottenham»: 1-1



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# TRANSFER TÄZELIKLERI

### «Atletiko Madrid» «Premier Ligadan» 2 ýyldyz oýunçyny düzümine goşdy

● Ispaniýanyň «Atletiko Madrid» topary Angliýanyň öňdebaryjy toparlaryndan 2 futbolçyny düzümine goşdy. Ispan topary ilki «Premier Liganyň» çempiony «Mançester Sitiniň» argentinaly ýyldyzy Hulian Alwaresi 75 million ýewro transfer etdi. Ispan kluby bu tölegiň üstüne käbir şertlere görä ýene-de 20 million ýewrony hem goşmaly bolar. 24 ýaşyndaky oýunçy madridliler bilen 6 ýyllyk şertnama baglaşdy. Dünýä Kubogynyň ýeňijisi Alwares «Mançester Sitiniň» transfere goýberen iň gymmat futbolçysy boldy. Ol şäherlileriň düzüminde 103 oýunda 36 gol geçirdi. Alwares «Mançester Sitiden» ozal «Riwer Pleýtde» oýnapdy we iňlis kluby ony 2022-nji ýylda transfer edipdi. Alwares «Atletikoda» 19-njy belgili köýnekçäni geýer.



«Atletiko Madrid» topary ýene bir uly transferi amala aşyrdy. Ispan topary Angliýanyň «Çelsi» klubunyň iňlis ýarymgoragçysy Konnor Gallaheri 42 million ýewro transfer etdi. 24 ýaşyndaky oýunçy ispan kluby bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Çelsiniň» akademiýasynda kämilleşen Gallaher 2019-2022-nji ýyllar aralygynda «Çarlton», «Swansi», «West Bromwiç» hem-de «Kristal Palas» klublarynda kärendesine oýnady. 2 möwsümden bäri «Çelside» oýnap gelýän Gallaher londonlylaryň düzüminde 95 oýunda 10 gol geçirip, 10 goluň pasyny berdi.



### PSŽ Neweş üçin 60, Due üçin 50 million ýewro tölär

● Fransiýanyň PSŽ toparynyň düzüminde ýene bir portugaliýaly futbolçy çykyş eder. «Benfikadan» 60 million ýewro berlip transfer edilen Žoao Neweş PSŽ-niň düzümindäki häzirlikçe 5-nji portugaliýaly futbolçy boldy. PSŽ topary «Benfika» toparyna täze ýarymgoragçysynyň görkezjek başarnygyna görä, goşmaça 10 million ýewro hem tölemeli bolmagy mümkin. Parižliler 19 ýaşyndaky oýunçy bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. 17 ýaşynda «Benfikanyň» esasy düzümine goşulan Žoao Neweş 2 möwsümde 93 oýunda 4 gol geçirip, 5 goluň pasyny berdi. PSŽ-de täze transferden başga-da Gonsalu Ramuş, Danilo Pereýra, Witinýa, Nuno Mendeş ýaly Portugaliýanyň milli ýygyndysynyň hem esasy oýunçylary bar.



Parižliler Fransiýanyň başga bir kluby «Renn» toparyndan Desire Dueni 50 million ýewro transfer etdi. 19 ýaşyndaky winger parižliler bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy.

PSŽ Neweş hem-de Dueden öň William Paço bilen Matweý Safonowy transfer edipdi.

### Ýyldyz oýunçy öňki klubuna dolandy

● Konor Gallaheri «Atletiko Madride» ugradan «Çelsi» topary ispan klubundan portugaliýaly ýyldyz oýunçy Žoao Feliksi transfer etdi. Londonlylar 24 ýaşyndaky hüjümçi üçin madridlilere 50+5 million funt sterling tölär. Feliks «Çelsi» bilen 7 ýyllyk şertnama baglaşdy. Feliks täzeden «Çelsä» gaýdyp geleni üçin örän şatdygyny belläp, «Premier Liga» öňküsinden taýýarlygynyň has ýokarydygyny aýtdy. Ol ozalam, ýagny 2022/23 möwsüminiň 2-nji ýarymynda «Çelside» oýnapdy. Şonda 20 oýunda 4 gol geçiripdi. Feliks geçen möwsümi «Barselonada» kärendesine geçirip, 44 duşuşykda 10 goly derwezä girizdi. 2019-njy ýylda «Benfikadan» «Atletiko Madride» 126 million ýewro transfer bolan Feliks ispan toparynda 131 duşuşykda 44 gezek tapawutlandy.



### «Borussiýa Dortmund» Baýeri transfer etdi

● Germaniýanyň «Borussiýa Dortmund» topary «Hoffenhaým» toparyndan Maksimilian Baýeri transfer etdi. Dortmundlylar Baýeriň transferi üçin «Hoffenhaým» toparyna 28,5+1,5 million ýewro tölär. 21 ýaşyndaky hüjümçi täze kluby bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Baýer täze toparynda 14-nji belgili köýnekçäni geýer. Germaniýanyň milli ýygyndysynda hem çykyş edýän Baýer geçen möwsümde «Bundesligada» 33 oýunda 16 gol geçirdi.



● «Arsenal» toparynyň ýaş ýyldyzy Emil Smit-Rou Londonyň başga bir klubuna – «Fulhama» transfer boldy. «Fulham» topary 24 ýaşyndaky ýarymgoragçynyň transferi üçin «Arsenala» 27+7 million funt sterling berer. Emil Smit-Rou «Fulham» bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. 2019/20 möwsüminde «Arsenalda» çykyş edip başlan Smit-Rou geçen möwsümde 13 oýunda meýdança çykdy. «Leipsig», «Haddersfild» klublarynda kärendesine oýnan oýunçy «Arsenalyň» köýnekçesi bilen 115 duşuşykda 18 gol geçirdi.



● Ispaniýanyň çempionaty «La Liganyň» geçen möwsümde 24 gol bilen iň netijeli futbolçysy bolan ukrainaly hüjümçi Artýom Dowbyk karýerasyny Italiýada dowam eder. Ol «Roma» toparynyň düzümine goşulyp, rimliler «Žironanyň» ýyldyzyny 30,5 million ýewro transfer etdi. Goşmaça tölegler bilen bu mukdar 38 million ýewro çenli ýetip biler. 27 ýaşyndaky oýunçy italýan kluby bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşyp, ol täze klubunda 11-nji belgili köýnekçäni geýer.



● Londonyň «West Ham» topary Germaniýanyň «Borussiýa Dortmund» klubunyň hüjümçisi Niklas Füllkrugy düzümine goşdy. Iňlis topary 31 ýaşyndaky germaniýaly hüjümçiniň transferi üçin dortmundlylara 26+4 million ýewro berer. Şertnamanyň möhleti 3+1 ýyllyk bolup, oýunçy klubdan ýylda 3 million ýewro hak alar. Füllkrug geçen möwsümde «Bundesligada» 29 oýunda 12 gol geçirdi. Füllkrug «Borussiýa Dortmunddan» öň «Werder», «Hannower», «Nürnberg», «Groýter Fürt» ýaly klublaryň köýnekçesini geýdi.



● Angliýanyň «Braýton» topary aşaky liganyň wekili «Lids Ýunaýted» toparyndan fransiýaly hüjümçi Žoržinio Rütteri 40 million funt sterlinge transfer etdi. Bu görkeziji «Braýton» toparynyň rekordyna deňdir. «Premier Liganyň» wekili 22 ýaşyndaky hüjümçi bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. 2023-nji ýylyň ýanwarynda «Hoffenhaýmdan» «Lidse» 25 million funt sterlinge transfer bolan Rütter 64 oýunda 8 gol geçirdi.



● Saud Arabystanynyň «Al-Şabab» topary italiýaly hawbek Jakomo Bonawenturany erkin agent ýagdaýda transfer etdi. Arap kluby 34 ýaşyndaky ýarymgoragçy bilen 1+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol arap klubunda ýyllyk 4 million ýewro hak alar. 2020-nji ýyldan bäri «Fiorentinanyň» köýnekçesini geýip gelýän Bonawentura «Milan», «Atalanta» ýaly klublarda-da ençeme ýyl çykyş etdi.



● Braziliýaly ozalky ýyldyz futbolçy Ronaldinionyň ogly Žoao Mendes karýerasyny Angliýada dowam eder. Geçen ýylyň martyndan bäri «Barselonanyň» akademiýasynda türgenleşik geçýän 19 ýaşyndaky ýarymgoragçy Angliýanyň 2-nji ligasy «Championship»-iň klublaryndan «Börnliniň» düzümine goşuldy. Ol iňlis kluby bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy.



● Italiýanyň «Napoli» topary Portugaliýanyň «Benfika» toparyndan braziliýaly winger Dewid Neresi 30 million ýewro düzümine goşdy. 27 ýaşyndaky oýunçy portugal klubunda 2 möwsümde 83 oýunda 17 gol geçirdi. «Sao Paulo», «Aýaks» klublarynyň köýnekçesini geýen Neres «Şahtýor Doneske» transfer bolsa-da bu klubda 1 duşuşyk hem geçirmedi.



● Londonyň «Tottenham» topary «Bornmut» toparyndan iňlis hüjümçi Dominik Solankeni 55+10 million ýewro transfer etdi. «Tottenham» toparynyň iň gymmat transferi bolan 26 ýaşyndaky Solanke 6 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Bornmutda» 216 oýunda 77 gol geçiren Solanke 2017/18 möwsüminde «Liwerpulda» oýnapdy.



● Çilili ýyldyz hüjümçi Aleksis Sançes 13 ýyldan soň «Udineze» toparyna dolandy. 35 ýaşyndaky Sançes erkin agent ýagdaýynda italýan kluby bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol şol 13 ýyllyk döwürde «Barselona», «Arsenal», «Mançester Ýunaýted», «Inter», «Marsel» ýaly klublaryň köýnekçesini geýdi.



## UEFA Çempionlar Ligasynda final tapgyryny kesgitlejek duşuşyklar



UEFA Çempionlar Ligasynda final tapgyryna gatnaşjak soňky 7 kluby kesgitleýän pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklary geçirildi.

Çempion toparlaryň arasyndaky duşuşyklarda Şweýsariýanyň «Ýang Boýz» topary Türkiýäniň çempiony «Galatasaraýy» 3-2 hasabynda ýeňdi. 1-nji ýarymda Monteironyň 3-nji we 45+4-nji minutlarda geçiren gollary bilen ýer eýeleri 2-0 hasabynda öňe saýlandy. 2-nji ýarymda oýna goşulan Miçi Batşuaýi 66-njy we 72-nji minutlarda hasaby deňledi. Oýnuň 86-njy minutynda VAR-yň görkezmesi boýunça germaniýaly Daniel Sibert ýer eýeleriniň peýdasyna penalti urgusyny belledi. Onyda Ugriniç dürs urup, toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy.

Zagrebde ýerli «Dinamo» bilen Azerbaýjanyň «Garabag» toparlary duşuşyp, horwatlar 3-0 hasabynda ýeňiş gazandy. Gollary 29-njy minutda Pýaça bilen 75-nji we 80-nji minutlarda Kulenowiç derweze girizdi.

Daniýanyň «Midtýullan» topary öz meýdançasynda Slowakiýanyň «Slowan Bratislawa» topary bilen 1-1 hasabynda deňme-deň oýnady (Çilufiýa 79 – Bläkmän 59). Norwegiýanyň «Bude-Glimt» topary öz meýdançasynda «Srwena Zwezda» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda ýer eýeleri 2-1 hasabynda üstün çykdy (Býortuft 52, Maatta 62 – Mimowiç 75).

Şwesiýanyň çempiony «Malmö» öz meýdançasynda Praganyň «Sparta» toparyndan 2-0 hasabynda asgyn gelip, final tapgyryna çykmak mümkinçiligini kyn ýagdaýa getirdi. Myhmançylykdan ýeňiş bilen dolanan çehleriň gollaryny Stryger Larsen (31, ö.d.) hem-de Rynýeş (89) geçirdi.

Çempion däl toparlaryň duşuşyklarynyň 2-si hem 2-0 hasabynda tamamlandy. Kiýewiň «Dinamosy» Polşada Awstriýanyň «Red Bull Salsburg» toparyndan 2-0 hasabynda ýeňildi. Salsburglylara ýeňiş getiren gollary Dorgeles (29) bilen Kýergor (50 p) derwezä girizdi. Edil şonuň ýaly, Fransiýanyň «Lill» topary-da Praganyň beýleki kluby «Slawiýany» öz meýdançasynda 2-0 hasabynda utdy. Duşuşykda gollary Dewid bilen Žegrowa öz atlaryna ýazdyrdylar.

Jogap duşuşyklary 27-28-nji awgustda oýnalar. 29-njy awgustda-da UEFA Çempionlar Ligasynyň täze formatda geçiriljek ilkinji möwsüminiň liga tapgyrynyň (ozalky toparçalaýyn) bijeleri çekiler.

«Ýang Boýz» – «Galatasaraý»: 3-2
«Dinamo Zagreb» – «Garabag»: 3-0
«Midtýullan» – «Slowan Bratislawa»: 1-1
«Bude-Glimt» – «Srwena Zwezda»: 2-1
«Malmö» – «Sparta Praga»: 0-2
«Dinamo Kiýew» – «Red Bull Salsburg»: 0-2
«Lill» – «Slawiýa Praga»: 2-0









Ygtyýarnama: 1-15-24-147

**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň «Ykdysadyýet we biznes mekdebi» döwlet kärhanasy 2024/2025-nji okuw ýyly üçin aşakdaky ugurlar boýunça gysga möhletli okuwlara kabul edýändigini**

**YGLAN EDÝÄR**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Baha kesmek işi | 6 aý |
| 2 | Iňlis dili | 4 aý |
| 3 | Rus dili | 3 aý |
| 4 | Nemes dili | 3 aý |
| 5 | Kompýuter sowatlylygy I, II, III. | 2,5 aý |
| 6 | Matematika | 3 aý |
| 7 | Suratkeş | 6 aý |
| 8 | Elektrik enjamlary abatlaýjy slesar | 3 aý |
| 9 | Himiki derňewiň laboranty | 5 aý |
| 10 | Awtoulaglary abatlaýjy slesar | 6 aý |
| 11 | Elektromontýor-1000 V çenli | 3 aý |
| 12 | Suw we ýylylyk geçirijileriň örtüjisi | 3 aý |
| 13 | Suwuk we gaz ýangyjynda işleýän bug we ýyladyş gazanlarynyň maşinisti | 3 aý |
| 14 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Armaturçy – armatur gözenekleri we karkaslary kebşirleýji | 4 aý |
| 15 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Betonçy | 2 aý |
| 16 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramak boýunça instruktor | 6 aý |
| 17 | Tokar | 5 aý |
| 18 | Elektrik togy we gaz bilen kebşirleýji | 4 aý |
| 19 | Amaly geodeziýa | 3 aý |
| 20 | Amaly psihologiýa | 3 aý |

*Okuwlara diňleýjiler, orta we hünär bilimli raýatlar kabul edilýär.*

*Okuwa ýokardaky hünärler boýunça şertnamalaýyn esasda tölegli kabul edilýär.*

*Resmi iş kagyzlary Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda kabul edilýär.*

*Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:*
*-bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;*
*-bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);*
*-3×4 sm ölçegdäki 3 sany fotosurat;*
*-şahsy pasportynyň, pasport almadyklar üçin dogluş hakyndaky şahadatnamasynyň göçürmesi;*

**Okuwlary üstünlikli tamamlan diňleýjilere şahadatnama berilýär.**

**Salgymyz: Aşgabat şäheri, Baba Annanow köçesiniň 136-njy jaýy. Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: +993 12 28-18-50.**



